TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN
DÖWLET UNIWERSITETI

# RAÝAT PROSESI
## (okuw gollanmasy)

AŞGABAT – 2010 ý.

**T. D. Goçyýew**

# RAÝAT PROSESI
**(okuw gollanmasy)**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Ylmy redaktor:** ***hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent I. Bekiýew***

**AŞGABAT – 2010 ý.**

# GIRIŞ

Häzirki Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň ykdysady, syýasy, durmuş, jemgyýetçilik ösüşiniň öňe ilerleýiş ýoluna düşen pursatynda, döwletiň bazar gatnaşyklaryna geçip, demokratik, hukuk hem-de dünýewi türkmen döwletiniň has-da berkemeginiň üpjün edilmegi üçin hukuk namalaryny berjay etmek hökmanydyr.

Türkmenistanyň durmus-syýasy ulgamynda bolup geçýän özgertmeler we üýtgetmeler döwlet hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň hemme taraplaryny, şol sanda ýokary okuw mekdeplerinde ýokary derejede kämil hünärmenleri taýýarlamak pudagyny hem öz içine alýar. Bu meseleleri durmuşa geçirmek bolsa hukuk namalaryny bilmekden, olary dogry we üýtgewsiz ýerine ýetirmezden amala aşyryp bolmaz. Şonuň üçin "Raýat prosesi" atly dersiň ýokary okuw mekdeplerinde esasan hem Magtymguly adyndaky Türkmen Döwlet uniwersitetinde talyplara okadylmagy hökmanydyr diýip bellese bolar.

„Raýat prosess“ dersini çuňňur öwrenmek biziň ýurdumyzda ýaşaýan her bir adam üçin derwaýysdyr. Sebäbi onda adamzadyň durmuşyna mahsus bolan we biziň döwrümizde ýüze çykan esasy meseleler giňden beýan edilýär. Esasan hem, raýat hukuk dolanyşygynyň, raýat prosessual iş önümçiliginiň özboluşlylygyna degişli bir topar meseleler öz beýanyny tapýar. Şonuň üçin, talyplar „Raýat prosesi“ dersini okanyňyzda we öwreneňizde siziň esasy üns bermeli zadyňyz-garalýan meselelere, getirilýän hadysalara köptaraplaýyn, ulgamlaýyn çemeleşmegiňizden ybaratdyr. Sebäbi birtaraplaýyn

garalanda onda derňelýän soragy düýpli açyp bolmaýar, ol meseläniň haýsy hem bolsa bir ýagdaýyny görkezmek bilen çäklenýär. Derňelýän soragy, onuň düzüm bölekleriniň döreýşini we özgerişini görkezmekligiň üsti bilen öwrenmeklik çemeleşmäniň esasy talaby bolýar, ol başarnyklaryň talyplarda döremegini gazanmak bolsa mugallymlaryň öňünde duran wajyp wezipeleriň biridir.

Gumanitar ulgamyndaky ýokary mekdebi bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplarynyň „Raýat prosesi“ dersini öwrenmeklerinde bar bolan käbir aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, şu okuw gollanmasy düzüldi. Şonuň bilen bir hatarda, gollanmada, „Raýat prosesi“ dersiniň maksatnamasynda bar bolan soraglary, biz başardygymyzça, talyplaryň okaýan ugurlary bilen baglanyşykly temalaryň soraglarynyň üsti bilen beýan etdik.

Umuman, „Raýat prosesi“ dersi boýunça amaly sapaklar geçirilende, talyplar Türkmenistanyn Prezidentiniň ýaşlara eden sargytlaryny we öz hünärleri bilen bagly medeni, ruhy aýratynlyklary ara alyp maslahatlaşmalydyrlar. Şeýle zerurlyk, belli bir derejede hödürlenýän soraglarda, düşünjelerde aňladyldy. Amaly sapaklaryň dowamynda pikir alyşylanda täze soraglar ýüze çykmagy mümkin. Esasy mesele Turkmenistanyn Prezidentiniň raýat önümçiligi we ony kämilleşdirmek meselelerinde öňe sürýän dünýägaraýşyny düýpli öwrenmek we şonuň esasynda meseleleri we soraglary çözmekdir. Awtor taýýarlanan okuw gollanmasynyň „Raýat prosesi“ dersi we ylmy bilen gyzyklanýan talyp ýaşlaryň bilimlerini artdyrmaga ýardam eder diýip umyt bildirýär.

# Raýat prosesual hukugy ylmynyň predmeti we ulgamy

**§1. Raýat prosesual hukugynyň predmetine we usulyna düşünje.**

“Täze Galkynyş eýýamynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy halkymyzyň asyrlaryň dowamynda döreden watansöýüjilik, agzybirlik, dost-doganlyk, jebislik, parahatsöýüjilik ýaly milli häsiýetlerine laýyk gelýär, bu milli aýratynlyklaryň mundan beýläk-de kämilleşmegi üçin möhüm şertleri döredýär. Döwletimiziň her bir raýaty Baş Kanunymyza gyşarnyksyz eýermelidir, ruhubelentlik bilen zähmet çekip, Türkmenistan döwletimizi has-da beýgeltmelidir” (Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow).

Garaşsyz bitarap Türkmenistan döwleti Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda demokratik, hukuk dünýewi döwletiň hukuk binýady has-da kämilleşdirilýär. Konstitusiýa esasynda jemgyýetde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleri berkidildi. Bu häkimiýetler özbaşdak hereket edýärler, ýöne biri-biri bilen baglanyşykdadyrlar (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasy).

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly “Beýik Galkynyş eýýamy bize öz ykdysady kuwwatymyzy, ilatyň durmuş goraglylygyny mundan beýläk-de berkitmek, bilimi, ylmy we medeniýeti dünýä derejesine ýetirmek

üçin Garaşsyzlyk ýyllarynda ähli gazananlarymyzy netijeli peýdalanamaga mümkinçilik berýär”[1].
Döwletimizde ähli özgertmeleriň döwrebap amala aşyrylmagy üçin kämil kanunlaryň bolmagy zerur bolup durýar. Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Türkmenistanda hukuk, şol sanda kazyýet reformasy, önjeýli maksada laýyk alnyp barylýar.

Kanunlary üpjün etmekde, bozylan we jedelli hukuklary hem-de kanuny bähbitleri goramakda kazyýet edaralarynyň roly uly. Kazyýet edaralary adyl kazyýetligi amala aşyrýan ýeke-täk edaradyr. Kazyýet edaralary jenaýat, raýat we ykdysady jedellere garaýarlar.

Raýat işlerine garalanda kazyýetiň we beýleki gatnaşyjylaryň arasynda döreýän gatnaşyklar prosesual hukuk kadalary tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Şeýlelikde, raýat prosesual hukugynyň predmeti diýip raýat işleri bilen bagly adyl kazyýetlik amala aşyrylanda kazyýetiň we beýleki gatnaşyjylaryň arasyndaky gatnaşyklara aýdylýar. Prosesual gatnaşyklar hereketlerden durýar. Şonuň üçin, raýat prosesual hukugynyň predmeti diýip kazyýetiň we gatnaşyjylaryň hereketlerine aýtsa hem bolar. Prosesual gatnaşyklar we hereketler belli bir raýat işi boýunça prosesi düzýärler. Diýmek, raýat prosesual hukugynyň predmeti diýip belli bir iş boýunça raýat prosesine-de aýdyp bolar.

Raýat prosesual hukugynyň usulyny häsiýetlendirýän ýagdaýlar: kazyýetiň aýratyn hukuk

---

[1] Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň beýik Galkynyş eýýamynyň Konstitrusiýasy hakynda. – Aşgabat, 2008, 8-9 s.

statusdan peýdalanmagy; ýuridik fakt hökmünde diňe prosesual hereketleriň ýüze çykmagy; mazmun taýdan kazyýetiň we taraplaryň arasyndaky gatnaşyklaryň esasy diýip hasaplanmagy; prosesual kadalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän aýratyn çäreleriň bolmagy.

Kazyýet: prosese ýolbaşçylyk edýär; işe garalýan döwürde ýüze çykýan prosesual meseleleri çözýär; jedel boýunça çözgüt çykarýar we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär.

Ýuridik fakt hökmünde hadysa, ýagdaý we hereket tapawutlandyrylýar. Raýat prosesinde diňe prosesual hereketler (hereketsizlik) gatnaşyklaryň döremegine esas bolup bilýär.

Taraplaryň gatnaşmagyndaky gatnaşyklaryň esasy bolmagynyň sebäbi prosesiň döremeginiň, dowam etdirilmeginiň we ýatyrylmagynyň gös-göni olara baglylygy bilen düşündirilýär.

Prosesual kadalaryň ýerine ýetirilmegi şu çäreler bilen üpjün edilýär: kazyýet mejlisine mejbury getirmek; kazyýetiň zalyndan çykarmak; dolandyryş temmiler; bisarpa ulanylan wagtyň öwezini pul bilen dolmak. Prosesual çäre hökmünde şulary görkezse bolar: kassasion we gözegçilik tertiplerde çözgüdi ýatyrmak; amatsyz prosesual ýagdaýyň döremegi. Mysal, talap arzadaky ýalňyşlyklary wagtynda düzetmändikleri sebäpli arzany yzyna talapkäre gaýtaryp bermek.

## §2. Raýat prosesual hukugynyň beýleki hukuk bölümleri bilen arabaglanyşygy.

Raýat prosesual hukugy beýleki hukuk bölümleri bilen arabaglanyşykda durýar.

Kazyýet häkimiyetiň bir şahasy bolup durýar. Şonuň üçin Konstitusiýada kazyýetleri döretmegiň we olaryň işlerini gurnamagyň esasy ýörelgeleri berkidilen.

Raýat prosesi we arbitraž prosesi köp derejede meňzeşdir, sebäbi olaryň ikiside raýat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedellere garaýarlar. Eger umumy kazyýetlerde jedeliň bolmanda bir tarapynda raýat çykyş edýän jedeller seljerilýän bolsa, Türkmenistanyň arbitraž kazyýetinde garalýan işleriniň iki tarapynda-da ýuridik şahslar bolmaly. Arbitraž kazyýetiň esasy maksady taraplary ylalaşyga getirmek. Bu prosesde şaýat görkezmesi ulanylmaýar, esasy subutnama hökmünde ýazmaça subutnamalar giňden ýaýran. Deňeşdirilýän iki prosesiň aýratynlyklary geljekde hem beýleki temalaryň üsti bilen düşündiriler.

Raýat we jenaýat proseslerinde köp meňzeşlikler bar. Iki prosesiň köp ýörelgeleri we institutlary deň. Şol bir subutnamalar diýen ýaly ulanylýar. Aýratynlyk hökmünde ilki bilen jenaýat prosesinde subutnamalaryň sülçi, doznawatel tarapyndan toplanýandygyny aýtmaly. Eger raýat prosesi bähbidi bar şahslar tarapyndan gozgalýan bolsa, jenaýat prosesi diňe hukuk goraýjy edaralar tarapyndan gozgalýar. Bu iki prosesiň aýratynlyklaryna geljekde hem üns berler.

Raýat prosesi bilen raýat hukugynyň arabaglanşygy bozulan ýa-da jedelli hukugyň mejbury ýerine ýetirip bolýanlygyndadyr. Eger durmuşda ähli talaplar meýletin ýerine ýetirilýän bolsady, onda raýat

prosesiniň asla geregi bolmazdy. Diýmek, raýat prosesi bozulan we jedelli hukuklary mejbury ýerine ýetirmek üçin gerek.

Raýat prosesi hukuklary we bähbitleri kazyýetde goramagyň bir görnüşi bolup, özü-de raýat prosesual kadalary tarapyndan kadalaşdyrylýar. Raýat prosesinde diňe Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde görkezilen hereketler amala aşyrlyp bilner.

**§3. Raýat prosesi we onuň döwürleri. Kazyýet önümçiliginiň görnüşleri.**

Raýat prosesi birnäçe döwürlerden durýar. Stadiýa (döwür) – bu prosesual hereketleriň jemi bolup, özü-de belli bir prosesual maksada gönükdirlendir. Proses ýedi stadiýadan durýar: işi gozgamak; kazyýet seljerişine taýarlamak; kazyýet seljerişi; kassasion kazyýet önümçiigi; mejbury ýerine ýetiriş; gözegçilik kazyýet önümçiligi; işe täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça garamak. Geljekde bu döwürleriň hersi barada aýratyn gürrüň bolar.

Kazyýet önümçiligi üç görnüşden durýar: talap önümçiligi; aýratyn önümçilik; dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan önümçilik. Talap önümçiligi kazyýet önümçiliginiň esasy görnüşidir. Beýleki iki önümçilik talap önümçiliginiň kadalaryna esaslanýp garalýar, şeýle hem bu önümçilikleriň aýratynlyklaryny göz öňünde tutýan kadalar hem bardyr.

**§4. Raýat prosesual hukugynyň çeşmeleri.**

Raýat prosesual hykygynyň çeşmesi hökmünde Türkmenistanyň Konstitusiýasy, kanunlary, Prezidentiň permanlary we kararlary, şeýle-de beýleki dolandyryş-hukuk namalary degişlidir. Raýat prosesual

hukugynyň çeşmeleriniň aýratynlyklary barada gürrüň edilende şulary ýatlamaly. Döwletara şertnamalary raýat prosesual hukugynyň çeşmesi bolup bilerler. Prosesual kadalar diňe bir Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde jemlenmän, olar maddy-hukuk kadalarynda hem berkidilýärler.

Prosesual kadalary tarapyndan kadalaşdyrylmaýan gatnaşyklar prosesual däpleri bien düzgünleşdirilýär. Mysal, kazyýetiň düzüminiň, prokuroryň, adwokatyň, kätibiň oturýş tertibi.

Ýokary kazyýetiň kararlary hukugyň çeşmesi bolup bilmez, sebäbi diňe kazyýetiň kararlaryna esaslanyp çözgüt çykaryp bolmaýar.

Kanuna düşündiriş bermek şu aşakdaky görnüşler boýunça mümkin.

Resmi we resmi däl düşündiriş. Resmi düşündiriş döwlet edaralary tarapyndan berilýär we ulanyşda hökmany bolup durýar. Onuň görnüşleri: autentiki, legal we kazual düşündirişler.

Resmi däl düşündiriş jemgyýetçilik guramalary, ylmy edaralar, fiziki şahslar tarapyndan berilýär. Doktrinal düşündiriş hem şu görnüşe degişlidir.

Taryhy düşündiriş kada girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary anyklamak bilen bagly bolýar. Şeýlelikde, kada girizilen üýtgetmeleriň sebäbi anyklanýar. Mysal, TRPK-niň 159 -160-njy maddalary.

Gramatiki düşündiriş gramatikanyň we logikanyň kadalaryny ulanmak ýoly bilen berilýär. Mysal, 100-nji madda.

Ulgamlaýyn düşündiriş Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksi kadalaryny deňeşdirmek ýoluna eýerýär. Mysal, 102-nji madda degişli däl tarapy

çalşyrmak. Munuň üçin ilki tarapyň kimdigini anyklamaly (99-njy madda).

Göwrümi boýunça harpma-harp, giňeldip ýa-da tersine daraldyp berilýän düşündiriş. Giňeldilip berilýän düşündirişiň mysaly – 127-nji, 129-njy maddalar. Bu maddalarda talap arzasyny düzmegiň kadalary berlen. Aslynda bu kadalar beýleki iki önümçilik boýunça bildirilýän arza we şikaýatada degişlidir. Dar görnüşde berilýän düşündirişiň mysaly – maşgala kanunçylygynyň 71-nji maddasy. Bu ýerde ene-atalyk hukugyndan mahrum etmek işini döwlet edaralary gozgap bilýär diýip aýdylýar. Hakykatda, bu ýerde diňe çaga edaralary barada gürrüň gidýär.

### §5. Raýat prosesual hukugynyň kadalary we olaryň görnüşleri.

Raýat prosesual kadalary:

a) döwlet tarapyndan kabul edilýär we döwlet olaryň ýerine ýetirilişini üpjün edýär;
b) kazyýetiň we gatnaşyjylaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýar;
c) jedelli ya-da bozulan hukuklary we kanuny bähbitleri goraýar hem-de mejbury dikeldilmegini üpjün edýär.

Raýat prosesual kadalary hasiýetleri boýunça birnäçe görnüşlere bölünýär.

Regulýatiw kadalarda anyk subýektleriň hukuklary we borçlary görkezilýär. Mysal, talapkäriň, şaýadyň we ş.m. Defenetiw kadalarda hukuklar we borçlar görkezilýär, ýöne olar anyk subýektlere gönükdirlen däl. Defenetiw kadalaryň kömegi bilen prosesual kadalar, institutlar aňladylýar. Mysal, subutnamalar, kazyýet çykdajylary we ş.m.

Ulanyş çägi boýunça umumy, ýörite we aýratyn kadalar tapawutlandyrylýar. Umumy kadalar ähli stadiýalara we kazyýet önumçiliginiň görnüşlerine degişli bolup durýar. Ýörite kadalar diňe belli bir stadiýa ýa-da kazyýet önümçiliginiň görnüşine degişli bolup durýarlar. Aýratyn kadalar umumy we ýörite kadalardan kadadan çykmalary göz öňünde tutýar.

Hökmanylygy babatda dispozitiw we imperatiw kadalar tapawutlandyrylýar. Imperatiw kadalarda görkezilen kadalar üýtgewsiz ýerine ýetirilmäge degişlidir. Dispozitiw kadalarda iki we ikiden köp mümkini hereketler gözöňünde tutulan. Mysal, talapkär kassasion şikaýaty bildirip-de bildirmän-de bilýär.

Kadalaryň ýene-de bir görnüşi hukukberiji, borçdörediji we gadaganediji kadalardyr. Bu kadalaryň atlary olaryň mazmunlaryny doly suratlandyrýar. Hukukberiji kadalar dispozitiw häsiýete eýedirler. Beýleki ikisi bolsa imperatiw häsiýetlidir.

Raýat prosesual kadalarynyň düzümi üç bölekden durýar: gipoteza, dispozisiýa we sanksiýa. Prosesual kadalaryň aglabasy iki bölekden, ýagny gipotezadan we dispozisiýadan durýar. Belli bir ýagdaýlaryň döremegi bilen (gipoteza), subýektleriň belli bir hereketleri amala aşyrmaga hukugy ýa-da borjy döreýr (dispozisiýa), haçan-da bu talaplar ýerine ýetirilmände döwlet tarapyndan mejbury çäreler ulanylýar (sanksiýa).

Kadalaryň bölekleri öz gezeginde ýene-de birnäçe hukuk häsiýetlendirmelerine eýedirler.

# Raýat prosesual hukugynyň esasy ýörelgeleri

## §1. Raýat posesual hukugynyň esasy ýörelgelerine düşünje we olaryň ulgamy.

“Biziň Konstitusiýamyz iň gowy milli däpleri hem-de dünýäniň demokratik tejribesini ozüne sazlaşykly birleşdirýän döwlet gurluşynyň esasy ýörelgelerini özünde jemledi”[2]

Raýat prosesual hukugynyň ýörelgeleri prosesual gatnaşyklary kadalaşdyrýarlar, başga bir tarapdan bolsa, olar prosesual kanunçylygynyň ösdürilmegine ýardam edýärler. Täze kabul edilýän kadalar, şonuň ýaly-da goşmaçalar we üýtgetmeler ýörelgelere ters gelmeli däl, tersine olary ösdürmeli we anyklaşdyrmaly.

Ýörelgeler raýat prosesiniň nä derejede demokratik häsiýete eýedigini görkezýärler. Umuman kazyýet goragyndan peýdalanmak hemmelere el ýeterlidir we kazyýet çykdajylarynyň möçberi uly däldir. Dogry, häzirki hereket edýän Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksi düýpli kämilleşdirilmäge mätäç. Onuň kadalary köp derejede Konstitusiýa gabat gelmeýärler.

Ýörelgeleriň jemi ulgamy düzýärler. Ulgamy häsiýetlendirýän ýagdaýlar:

a) olar ulgamdan üznükli hereket edip bilmeýärler we bir-birini dolduryp hereket edýärler. Mysal, taraplaryň hukuklary deň bolmasa, bäsleşikli kazyýet önümçiligini gurnamak mümkin däl.

[2] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji t.- Aşgabat, 2008, 142 s.

Prosesual edebiýatda birnäçe täze ýörelgeler esaslandyryldy (Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň maddalary: 3, 4, 62, 14, 30, 143, 96, 74 maddalary). Alymlaryň aglabasynyň pikiri boýunça raýat prosesual hukugynyň ýörelgeleriniň ulgamy üýtgewsizdir we iki sany uly topara bölünýärler (2 we 3-nji soraglarda olar barada, has dogrusy olaryň görnüşleri barada, giňişleýin gürrüň bolar).
Ýörelgeler şu aşakdaky toparlara bölünýärler. Hereket ediş çägi boýunça bir hukugyň we birnäçe hukugyň çäginde hereket edýän ýörelgeler. Mysal, diňe raýat prosesinde hereket edýän ýörelgeler. Birnäçe ýörelgeler raýat, jenaýat, arbitraž proseslerinde hereket edýärler.
Kanunda berkidilşine görä konstitusion we Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde jemlenen ýörelgeler tapawutlandyrylýar.
Mazmuny babatda kazyýet önümçiligini gurnamaga gönükdirlen ýörelgeler we kazyýetiň hem-de beýleki gatnaşyjylaryň prosesual hereketlerini kadalaşdyrýan ýörelgeler tapawutlandyrylýar.

**§2. Adyl kazyýetligi gurnamaga gönükdirilen ýörelgeler.**

Kazyýet önümçiligini gurnamaga gönükdirlen ýörelgeler:

- adyl kazyýetligiň diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylmagy;
- kazyýetleriň bellenmegi. Halk oturdaşlarynyň bellenmegi we saýlanmagy;
- işlere kollegial we ýekelikde garamak;
- raýat prosesine halk oturdaşlarynyň gatnaşmagy;

- kazyýetleriň we halk oturdaşlarynyň garaşsyzlygy we kanuna boýunlygy;
- raýatlaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi;
- kazyýet önümçiliginiň açyk ýagdaýda alynyp barylmagy;
- kazyýet önümçiliginiň dili.

Kazyýetiň we beýleki gatnaşyjylaryň prosesual hereketlerini kadalaşdyrýan ýörelgeler:

- kanunçylyk ýörelgesi;
- obýektiw hakykaty ýüze çykarmak;
- dispozitiwlik ýörelgesi ;
- bäsdeşlik ýörelgesi;
- taraplaryň prosesual deňligi;
- prosesiň gürlemek formada alnyp barylmagy;
- subutnamalaryň kazyýet tarapyndan gös-göni derňelmegi;
- kazyýet önümçiliginiň arakesmesiz alnyp barylmagy.

## ADYLKAZYÝETLIGIŇ DIŇE KAZYÝET TARAPYNDAN AMALA AŞYRYLMAGY

Ösen hukuk jemgyýetinde jedelli meseleleriň ählisi kazyýet edaralarynda çözülýär. Biziň döwletimiz häzir geçiş döwründe, şonuň üçin sosializim jemgyýetinden galan hukuklary we bähbitleri goramagyň döwlet- jemgyýetçilik formasy häli-şindi hereket edip gelýär. Hukuklar we bähbitler kazyýet, Turkmenistanyň arbitraž kazyýeti, bitaraplyk kazyýeti, ZŽK, profsoýuz komiteti, dolandyryş edaralar tarapyndan goralýar.

Kazyýet beýleki edaralara garanyňda käbir artykmaçlyklardan peýdalanýar. Mysal, diňe kazyýet edaralarynda ýerine ýetiriji apparat bar. Eger jedel birnäçe ýurisdiksion edaralaryň garamagyna degişli bolsa, onda gutarnykly netije kazyýet tarapyndan çykarylýar.

## KAZYLARYŇ BELLENMEGI. HALK OTURDAŞLARYNYŇ BELLENMEGI WE SAÝLANMAGY

Käbir döwletlerde kazyýetler saýlanylýar, beýlekilerinde bellenilýär. Bu iki görnüşi birbada ulanýan döwletler hem bar. Sosializim döwründe bizde esasan saýlaw formasy ulanyldy. Häzir garaşsyz Türkmenistanda kazyýetler döwletiň Prezidenti tarapyndan bäş ýyl möhlet bilen bellenilýär.

Kazyýet kadrlaryny saýlap-seçip almak, wezipä hödürlemek, olaryň hünärini artdyrmak meseleleri bilen esasan kazyýet edaralary meşgul bolýar. Belli bir derejede bu meselelere, şonuň ýalam käbir guramaçylyk meselelerine Adalat ministrligi hem kanun esasynda goşulýar.

Kazylyga kandidatyň şu talaplara gabat gelmegi we olary berjaý etmegi hökman:

1. ýokary ýüridik bilimiň bolmagy;
2. kandidatyň 25 ýaşynyň dolmagy;
3. hünäri boýunça iki ýyl iş stažynyň bolmagy. Ýokarda durýan kazyýetlar üçin 5 ýyl staž talap edilýär, onuňam adaty 2 ýyly kazy bolup işlenen bolmaly;
4. kazylyga dalaşgäriň hünär synagyny tabşyrmagy.

Ýerine ýetiriş önümçiligi we dolandyryş işler boýunça kazy bolmak üçin 22 ýaşyň dolmagy ýeterlik. Esasy zat staž hem talap edilmeýär.

Etrap (şäher) kazyýetleriniň halk oturdaşlary saýlanylýar. Welaýat kazyýetleriniň halk oturdaşlary welaýat häkimleri tarapyndan, a Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň halk oturdaşlary bolsa Prezident tarapyndan bellenilýar.

## IŞLERE KOLLEGIAL WE ÝEKELIKDE GARAMAK

Kazyýetiň I-nji instansiýasynda kollegiýany kazy we iki sany halk oturdaşy düzýär. Kassasion we gözegçilik kazyýetlaryna üç sany professional kazy girýär. Kazyýetleriň prezidiumlary agzalalaryň 50 % köpüsi gatnaşan halatda işlere garap bilýärler. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy agzalaryň 2/3 bölegi bolan halatda işlere garaýar.

Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 15-nji maddasynda görkezilen işler ýekelikde garalýar (aliment töletmek, goşmaça talaplar bolmasa nikany ýatyrmak we ş. m.).

Dünýä tejribesinde raýat işleri ýekelikde garalýar. Bizde hem halk oturdaşlarynyň adylkazyýetligi amala aşyrmaga gatňaşmagy maksada laýyk däl:

1. olar barada Konstitusiýada hiç zat aýdylmandyr. Öňki Konstitusiýalaryň ählisinde halk oturdaşlarynyň prosese gatnaşmaklary barada anyk aýdylýardy;
2. Türkmenistanyň arbitraž kazyýetinde köp milliardlyk işler ýekelikde

çözülýär;
3.Häzirem hakykat yüzünde ähli işler kazylar tarapyndan ýekelikde
 çözülýär; sebäbi halk oturdaşlary elmydama özlerini ylalaşykly alyp barýarlar. Bu ýagdaý olaryň kanunynyň inçe syrlaryna aň ýetirip bilmeýänligi bilen düşündirilýär.
Prosesde halk oturdaşlary bilen kazylaryň hukuk statusy esasy meselelerde deňdir.
Mysal, otwod bilen bagly meseläni çözmek, önümçiligi ýatyrmak we ş.m. Kazy başlyklyk ediji hökmünde prosese ýolbaşçylyk edýär. Eger halk oturdaşlary başlyklyk edijiniň hereketleri bilen razy bolmasalar, mesele kollegial çözülýär.
Kazy oturdaşlary işiň materiallary, degişli kanunçylyk we kazyýet praktikasy bilen tanyş etmäge borçly. Maslahat otagynda kazy ähli meseleler boýunça soňky bolup ses berýär.

## KAZYLARYŇ WE HALK OTURDAŞLARYNYŇ GARŞSYZLYGY WE KANUNA BOÝUNLYGY

Kazy we oturdaşlar adylkazyýetligi amala aşyranlarynda döwlet edaralaryna, jemgyýetçilik guramalaryna, wezipeli adamlara, aýry-aýry şahslara garaşly däldirler.
Kazy we oturdaşlar garaşsyzdyrlar, ýöne munuň özi eden-etdiligi aňlatmaýar, olar kanuna boýundyrlar. Kanuna boýun bolmagyň özi kazylaryň garaşsyzlygyny üpjün edýär.
Kazylaryň we oturdaşlaryň garaşsyzlygy syýasy, ykdysady, sosial we hukuk nukdaý nazardan

kepillendirilýär. Bu ýerde diňe hukuk kepillendirmeleri barada gürrüň ediler.
Kazy we oturdaşlar aýratyn pikire eýe bolup bilerler. Muňa garamazdan olar çözgüde gol çekmäge borçludyrlar. Aýratyn pikir kazyýet mejlisinde okalmaýar. Ol kassasion we gözegçilik kazyýetleri tarapyndan öwrenilýär.
Maslahat otagynyň syryny paş etmezlik. Maslahat otagynda diňe işe garaýan kazylar bolmaga hakly. Gynansak-da, kanun bu kadanyň bozulanlygy sebäpli jogapkärçiligi göz öňünde tutanok.
Ýokarda duran kazyýet çözgüdi ýatyryp I-nji instansiýaly kazyýete nähili çözgüt çykarmalydygy barada görkezme berip bilmeýär. Onuň görkezmeleri esasan subutnamalary toplamak bilen bagly bolýar.
Prokuroryň, ekspertiň netijenamasy kazyýet üçin hökman däl. Kazyýet olary esaslandyrmak bilen inkär edip bilýär.

## RAÝATLARYŇ KANUNYŇ WE KAZYÝETIŇ ÖŇÜNDE DEŇLIGI

Raýatlar milletine, dinine, diline, bilimine we başga aýratynlyklaryna garamazdan kanunyň we kazyýetiň öňünde deňdirler.

Prosesual kanunçylyk gatnaşyjylaryň maddy, maşgala we saglyk ýagdaýlaryny göz öňünde tutup käbir ýeňillikleri berip biler. Mysal, şaýat saglyk ýagdaýy boýunça kazyýete gelip bilmese, ol öýünde sorag edilip bilner. Maddy ýagdaýyny göz öňünde tutup talapkäri paç tölemekden boşadyp bolýar. Nikany ýatyrmak baradaky arza jogapkäriň ýaşaýan ýeri boýunça bildirilýär. Eger talap bildirilýäniň

ýanynda çagalary bar bolsa, onda arza talapkäriň ýaşaýan ýeri boýunça hem bildirilip bilner.

## KAZYÝET ÖNÜMÇILIGINIŇ AÇYK ÝAGDAÝDA ALNYP BARYLMAGY

Kazyýetiň mejlisine islendik 16 ýaşyna ýeten adam gatnaşyp biler. On alty ýaşamadyklar şaýat ýa-da işe gatňaşýan tarap bolsalar, olara kanun esasynda prosese gatnaşmaga mümkinçilik berilýär.

Kanuna laýyklykda şu ýagdaýlarda ýapyk proses gurnalyp bilner:
döwlet syryny paş etmezlik niýeti bilen;
taraplaryň pynhan syrlaryny paş etmezlik niýeti bilen;
perzentlige alnan syry paş etmezlik niýeti bilen;
şahsy hatlar we telegrammalar açyk prosesde okalyp bilner, eger-de muňa taraplaryň razyçylygy bar bolsa.

Ýapyk prosese işe gatnaşýan taraplar we olaryň wekilleri gatnaşyp bilýärler. Gerek halatda ekspert hem şaýat işe çekilip bilnerler.

Çözgüt elmydama açyk prosesde yglan edilýär.

## KAZYÝET ÖNÜMÇILIGINIŇ DILI

Kazyýet önumçiligi Konstitusiýa laýyklykda döwlet dilinde alnyp barylmaly. Döwlet diline düşünmeýänler öz ene dillerinde görkezme bermäge we terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga haklary bar. Terjimeçiniň gatnaşmagy bilen bagly çykdajylary döwlet öz üstüne alýar.

## KANUNÇYLYK ÝÖRELGESI

Bu ýörelge umumy hukuk ýörelgesi bolup durýar. Ol döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik

guramalarynyň, wezipeli adamlaryň, şeýle-de şahsyýetleriň kanuna boýun bolmagyny aňladýar.

Raýat prosesinde by ýörelgä laýyklykda kazylar we gatnaşyjylar öz hereketlerini Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksine gabat getirmelidirler.

Başgaça aýdanymyzda bu ýörelge raýat prosesinde umumy hukuk ýörelgesini aýdyňlaşdyrýar. Mysal, kazylaryň kanuna boýunlygy. Kazyýetiň hereket edýän prosesual kanunçylygynyň çäginde hereket etmegi.

## OBÝEKTIW HAKYKATY ÝÜZE ÇYKARMAK

Kazyýetiň çözgüdi hakyky durmuşda bar ýa-da bolup geçen zatlara gabat gelmeli. Şonuň üçin kazyýet kanunda bar bolan mümkinçilikleriň ählisinden peýdalanyp obýektiw hakykaty ýüze çykarjak bolmaly. Her bir iş boýunça obýektiw hakykaty ýüze çykarmak mümkin däl, sebäbi degişli subutnamalaryň ýeterliksiz bolmagy, biri-birine çapraz gelmegi, iş bilen bagly bolmazlygy mümkin. Şu halatlarda talaby kanagatlandyrmazlyk barada çözgüt çykarylyýar, ýa-da önümçilik ýatyrylýar, togtadylýar we ş.m.

## DISPOZITIWLIK ÝÖRELGESI

Bu ýörelge diňe raýat we arbitraž proseslerine mahsusdyr. Jenaýat prosesiniň kadalary imperatiw häsiýete eýedirler.

Dispozitiw ýörelgesine laýyklykda işe gatnaşýan taraplar öz hukuklaryndan isledikçe peýdalanyp bilýärler. Jenaýat prosesinden tapawutlylykda raýat prosesiniň döremegi, dowam etdirilmegi we

ýatyrylmagy taraplaryň gös-göni özlerine bagly bolup durýar.

Dogry bu meselede taraplara kazyýet, prokuror, döwlet dolandyryş edaralary ýardam berýärler. Mysal, raýat işini bähbidi bar adamlar bilen bir hatarda prokuror, döwlet edaralary gozgap bilýärler.

## BÄSlEŞLIK ÝÖRELGESI

Jenaýat prosesinde kazyýet edilýän görkezme bermeden doly boýun gaçyryp bilýär, sebäbi onuň günäsini subut etmek dolulygyna hukuk gorajy edaralaryň üstüne atylan.

Raýat prosesinde talapkär öz talabynyň esasyny, jogapkär bolsa öz nägileliklериniň esasyny subut etmäge borçlydyr. Bu işde taraplara kazyýet hem kömek berýär. Haçan-da subutnamalar başda biriniň elinde bolsa, kazyýet ony talap edip alyp bilýär. Mundan başga-da subut etmeklik prosesine prokuror hem döwlet edaralary gatnaşýarlar. Bu ýagdaý haçan-da olar talap arza bilen kazyýeta baranlarynda ýüze çykýar.

Günbataryň kazyýet önümçiliginde bäsdeşlik esasy ýörelge bolup durýar.

## TARAPLARYŇ PROSESUAL DEŇLIGI

Bu ýörelge prosesiň bäsdeşlik formada geçirilmegini üpjün edýär. Taraplaryň hukuklary deň bolmasa bäsleşmek mümkin däl.

Taraplaryň hukuklary, şonuň ýalam borçlary-da deňdir. Eger talapkär talap arza bildirip bilýän bolsa, jogapkär garşylyklaýyn talap bildirip bilýär.

PROSESIŇ GÜRLEMEK FORMADA ALNYP BARYLMAGY

Ähli gatnaşyjylar prosesde dilden çykyş edýärler. Hiç kim ýörite taýarlanan ýazgy boýunça gürläp bilmeýär. Iş bilen bagly dokumentler hökman okalýar. Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 174-nji maddasyna laýyklykda diňe şaýat ýazmaça belliklerden peýdalanyp bilýär.

Kanun esasynda diňe ýazmaça formada amala aşyrylýan hereketler hem bar. Mysal, talap arza, çözgüt we ş.m.

SUBUTNAMALARYŇ KAZYÝET TARAPYNDAN GÖS-GÖNI DERŇELMEGI

Ähli subutnamalary kazyýetiň gös-göni özi derňemeli, bolmasa olar bilen çözgüdi esaslandyryp bolmaýar.

Ýöne bu talaby üpjün etmek bir halatda mümkin däl, başga bir ýagdaýda maksada laýyk däl. Şonuň üçin Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde birnäçe kadadan çykmalar bar (31,37,43,164,143-nji maddalar). Bu maddalaryň hersine aýry-aýrylykda häsiýetnama bermeli.

KAZYÝET ÖNÜMÇILIGINIŇ ARAKESMESIZ ALYNYP BARYLMAGY

Arakesmesiz proses bolup bilmez. Ilki bilen arakesme dynç almak üçin gerek. Bu kada arakesme wagtynda başga işlere garap bolmaýanlygyny aňladýar. Kazyýet başga işe garamaga geçip bilýär, eger önümçiligi gutaran bolsa ýa-da ony başga güne bellän bolsa.

Bu kada kazyýetiň unsüniň diňe bir işiň ýagdaýlary bilen bagly bolmagyny üpjün etmek üçin gerek.

# Raýat prosesual hukuk gatnaşyklary

## §1. Raýat prosesual gatnaşyklaryna düşünje we olaryň aýratynlyklary.

“Meniň öz öňümde goýan baş maksadym – adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramakdan, kanunlaryň hemmeler üçin deň we hökmany bolmagyny üpjün etmekden, ösen, ýokary düşünjeli döwleti gurmakdan ybarat diýipdim. Biziň döwletimiz we jemgyýetimiz üçin adamdan, onuň bähbitlerinden ýokarda durýan gymmatlyk ýokdur.”[3]

Hukuk gatnaşyklary prosesual ylymyň iň derwaýys meseleleriniň biri. Hukugyň umumy taglymatynda hukuk gatnaşyklary diýip hukuk kadalary tarapyndan kadalaşdyrylan jemgiýetçilik gatnaşyklaryna aýdylýar.

Raýat prosesual gatnaşyklary raýat işleri boýunça adylkazyýetlik amala aşyrylanda kazyýetiň we beýleki gatnaşyjylaryň arasynda döräp özem raýat prosesual kadalary tarapyndan kadalyşdyrylýar.

Raýat prosesual gatnaşyklarynyň maddy-hukuk gatnaşyklaryndan birnäçe aýratynlyklary bar.

Bu gatnaşyklar elmydama iki subýektli gatnaşyk hökmünde ýüze çykýarlar. Maddy-hukuk gatnaşyklary iki we köp subýektli bolýarlar. Mysal, nika we miras gatnaşyklary.

Raýat prosesual gatnaşyklary häkimlik-tabynlyk gatnaşyklary bolup durýarlar. Kazyýet aýratyn hukuklardan peýdalanýar. Şeýle edilmese jedeli çözmek mümkin däl. Kazy prosese ýolbaşçylyk edýär,

---

[3] Gurbanguly Berdimuhmedow. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008, 7 s

ýüze çykýan prosesual meseleleri çözýär, çözgüt çykarýar, onuň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär.

Maddy-hukuk gatnaşyklary deň hukukly gatnaşyklar bolup durýarlar. Subýektleriň hiç haýsyna artykmaçlyk berilmeýär. Bu gatnaşyklara gorizontal, a prosesual gatnaşyklara wertikal gatnaşyklar diýilýär.

Kazyýet her bir prosesual gatnaşygyň hökmany subýekti bolup durýar. Raýat prosesinde «talapkär-jogapkär» , «prokuror-adwokat» we şu zeýilli gatnaşyklaryň döremegi mümkin däl. Maddy-hukuk gatnaşyklaryna bu ýagdaý mälim däl.

Prosesual edebiýatda alymlar tarapyndan kazyýet gatnaşmazdan prosesual gatnaşyklarynyň döremegi esaslandyrylýar. Ýöne bu esaslandyrmalar ynandyryjy däldirler.

Yerine ýetiriş stadiýasyna « algydar », «bergidar», we “kazyýet ýerine ýetirijişi” gatnaşýarlar. Şeýle seretseň bu gatnaşyklarda kazyýet ýok ýaly. Hakykat ýüzünde kazyýet ýerine ýetirijisi kazyýetiň kararyny durmuşa geçirýär, kazyýet onuň hereketlerine gözegçilik edýär we hökmany görkezmeleri berip bilýär. Diýmek , bu ýerde hem gatnaşygyň bir tarapynda kazyýet bar diýip düşünmeli.

Raýat işini gozgamak we ony kazyýet seljerişine taýarlamak döwürlerinde kazy ýekelikde çykyş edýär. Munuň özi gatnaşygyň bir tarapynda «kazyýet» däl-de «kazynyň» bolmagyny aňladýar. Ýöne Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 15-nji maddasyna laýyklykda kazynyň ýekelikdäki hereketleri kazyýetuň adyndan amala aşyrylýar. Şeýlelik-de, gatnaşyk «kazynyň» däl-de «kazyýetiň» gatnaşmagynda döreýär.

Prosesual gatnaşyklar diňe hukuk formasynda ýüze çykyp bilýärler. Başgaça aýdanymyzda, diňe Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde görkezilen hereketleri amala aşyrmak mümkin. Mysal, şaýadyň kassasion şikaýaty bildirmäge ygtyýary ýok. Şu hereket ediläýende-de kassasion kazyýet önümçiligi döräp bilmeýär.

Maddy-hukuk gatnaşyklary hukuk we hakykat ýüzündäki gatnaşyklar hökmünde ýüze çykyp bilýärler. Mysal, atalygy kesgitlemek işi boýunça çözgüt çykýança jogapkäriň we çaganyň arasynda hukuk gatnaşygy bar diýip bolmaýar. Bu gatnaşyk häzirlikçe hakykat ýüzündäki gatnaşykdyr, ol şeýleligine galmagyda mümkin.

Prosesual gatnaşyklaryň subýektleriniň bähbitleri bir-birine ters gelmeýär. Yagny, kazyýet hem obýektiw hakykatyň ýüze çykarylmagyna dalaş edýär. Şonuň üçinem ol taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär, olary durmuşa geçirmäge ýardam berýär, prosesual hereketleriň döredip biljek netijelerini düşündirýär.

Maddy-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň bähbitleri biri-biriniňkä ters gelýär. Mysal, talapkär bilen jogapkäriňki.

Maddy-hukuk gatnaşyklaryna belli bir maddy we ruhy bähbitlere ýetmek üçin girilýär.

Raýat prosesual gatnaşyklary bozulan hem-de jedelli maddy-hukuk gatnaşyklaryny goramak bilen bagly ýüze çykýarlar.

## §2. Raýat prosesual gatnaşyklarynyň döreýiş esaslary.

Prosesual gatnaşyklaryň jemi gatnaşyklaryň ulgamyny düzýär. Ulgamdaky gatnaşyklar biri-biri bilen aýrylmaz baglydyrlar we biri-biriniň üstüni dolýarlar.

Ulgamyň göwrümi şulara bagly:

- işiň haýsy döwürleri geçenligine. Mysal, bir iş diňe hökmany üç stadiýany geçiripdir, beýlekisi-ähli ýedi stadiýany;
- gatnaşyjylaryň sanyna. Mysal, bir işe bäş şaýat gatnaşýar, beýlekisine bolsa on bäş şaýat;
- şol bir kadanyň işde näçe gezek ulananlygyna. Mysal, talapkär bilen kazyýet birnäçe gezek gatnaşyga giripdirler. Şol gatnaşyklaryň hersi özbaşdak gatnaşyk hökmünde garalýar.

Raýat prosesual gatnaşyklarynyň döremegi üçin şu üç şert gerek:

- prosesual gatnaşygy kadalaşdyrýan kadanyň bolmagy;
- gatnaşyjylaryň prosesual hukuk ukybynyň we kämillik ukybynyň bolmagy;
- ýuridik fakt hökmünde gatnaşyjylar tarapyndan hereketleriň amala aşyrylmagy.

Biz ýokarda prosesual gatnaşyklaryň diňe hukuk formasynda ýüze çykýandygyny belledik. Diýmek, kada bolmasa gatnaşyk döräp bilmeýär.

Hukuk ukyby adamynyň dogulmagy bilen döreýär, onuň ölmegi bilen ýatyrylýar.Yuridik şahslarda kämillik we hukuk ukyby birbada, ýagny onuň bellige alnan wagtyndan döreýär we döwlet reýestrinden çykarylmagy bilen hem ýatyrylýar.

Kämillik ukyby 18 ýaşdan doly möçberde döreýär. Raýatlar 7 ýaşdan 18 ýaşa çenli çäklendirilen kämillik ukybyna eýedirler.

Umumy hukuk kadalaryna laýyklykda yuridik faktlara şular degişli: hadysa, ýagdaý, hereket. Prosesual gatnaşyklar diňe hereket /hereketsizlik/ esasynda döreýärler. Hadysa we ýagdaý prosesual gatnaşyklaryň ýüze çykmagyna gös-göni esas bolup bilmeýärler. Yöne olar belli bir hereketleriň amala aşyrylmagyna getirip bilerler. Prosesual gatnaşygyň döremegi üçin bir ýada birden köp hereketiň gerek bolmagy mümkin. Munuň özi kadanyň dispozisiýasyna bagly bolup durýar.

Prosese raýatlar, edara, kärhana, guramalar gatnaşýarlar. Olar işdäki bähbitlerine baglylykda belli bir prosesual rolda çykyş edýärler / talapkär, şaýat we ş.m./

**§3. Raýat prosesual gatnaşyklarynyň subýektleri we olaryň toparlandyrlyşy.**

Prosese gatnaşyjylary olaryň öňde goýan maksatlaryna we bähbitlerine garap birnäçe topara bölýärler.

Kazyýet we kazyýetuň wezipeli adamlary. 1-nji instansiýaly kazyýet meseläni düýp mazmuny boýunça çözýär. Kassasion we gözegçilik kazyýetleri işdäki goýberilen ýalňyşlyklary düzedýärler. Kazyýetiň ygtyýarly wezipeli adamlaryna kazyýetiň başlygy, onuň orunbasary we kazylar girýärler. Käbir prosesual funksional ygtyýarlyklary amala aşyrýanlara kazyýet ýerine ýetirijisi, kätip, iş ýörediş bölüminiň müdiri degişlidir.

Işde hukuk bähbidi ýoklar: kazyýet wekili /adwokat we beýlekiler/, şaýat, terjimeçi, ekspert. Bu ýagdaý olaryň hukuk statuslarynyň çäkli bolmagyna täsir edýär.

Raýat prosesinde işde gös-göni bähbidi barlara «işe gatnaşýan taraplar diýilýär». Olar ikä bölünýärler: öz bähbidini we başganyň bähbidini goraýanlar. Öz bähbidini goraýanlara taraplar, üçünji taraplar, arza bilen ýüzlenenler we işde bähbidi barlar degişlidir. Bu toparyň işde şol birbada maddy-hukuk we prosesual bähbidi bardyr.

Başganyň bähbidini goraýanlara prokuror, ýerli döwlet dolandyryş edaralary / şol sanda 108-nji maddada görkezilen beýleki ygtyýarly adamlar/ girýärler. Bularyň işde diňe prosesual bähbitleri bar. Bularyň gozgan işleri boýunça çykarylan çözgütler diňe maddy-hukuk bähbidi bar adamlara degişlidir. Munuň özi bolsa olaryň jedelli maddy-hukuk gatnaşygyň subýekti dälligi bilen düşündirilýär.

Geljekki temalarda raýat prosesiniň her bir subýekti barada, olaryň hukuk statusy barada giňişleýin gürrüň ediler.

# Taraplaryň raýat prosesine gatnaşmagy

## §1. Taraplara düşünje.

“Baş Kanunymyz bolan Konstitusiýamyza laýyklykda, Türkmenistan Prezident Respublikasy görnüşinde dolandyrylýan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup durýar. Ýurdumyzyň Baş Kanunynda bellenen demokratik ýörelgeler her bir adamyň we raýatyň ykdysady, durmuş we medeni kepilliklerini, syýasy hukugyny we erkinligini üpjün etmäge, erkin ýaşamak, işlemek we döretmek üçin amatly şertleriň döredilmegine gönükdirilendir. Biz Garaşsyzlygymyzyň 17 ýylynyň içinde türkmen halkynyň milli aýratynlygyna hem-de dünýä halklarynyň ösen demokratik däplerine, toplan tejribesine esaslanyp, öz kämil döwletimizi gurýarys diýip çekinmän aýdyp bileris.”[4]

Taraplar prosese bähbidi bar gatnaşyjylardyr. Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 99-njy maddasynda tarap diýip fiziki we hukuk şahslara düşünilýär. Bu kesgitleme taraplary beýleki hukuk bähbitli gatnaşyjylardan tapawutlandyrmaga mümkinçilik bermeýär. Şonuň üçin, Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň kadalaryna analiz berip taraplaryň hukuk statusyny kesgitlejek bolalyň.

1-nji maddada taraplar jedelli maddy-hukuk gatbnaşygynyň subýektleri bolmaly diýlip aýdylýar.

---

[4] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji t.- Aşgabat, 2008, 265 s.

3-nji madda laýyklykda jedelli gatnaşykda hukugyny goramak üçin taraplara kanunda görkezilen tertipde kazyýete ýüzlenmäge rugsat berilýär.

4-nji madda laýyklykda bähbidi bar şahslaryň hukuklaryny goramak üçin kazyýete ýüzlenmek hukugy prokurora, döwlet dolandyryş edaralaryna we beýleki ygtyýarly şahslara berilýär.

Jedelli gatnaşykda taraplaryň prosesual we maddy-hukuk bähbitleri biri-birine ters gelýär.

99-njy maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda talapkär diýip işde bähbidi bar şahsa aýdylýar. Başgaça aýdanymyzda, talapkär kazyýete ýüzlenen şahs bolman, kimiň bähbidi goralyp kazyýete ýüzlenilen bolsa-şoldur. Prokuror ýa-da dolandyryş edaralary iş gozgan halatynda talapkär hökmünde işe bähbidi bar şahs çekilýär. Bu ýerde prokuroryň we dolandyryş edaranyň hukuk statusyny kesgitlemek mätäçligi ýüze çykýar. Olar sözüň prosesual manysyndaky talapkärdir, a bähbidi bar şahs bolsa, sözüň maddy-hukuk manysyndaky talapkärdir. Olaryň hukuk statuslary golaýdyr, ýöne doly gabat gelýän däldir. Prokurora we dolandyryş edaralaryna garşylyklaýyn talap bildirip bolmaýar; olardan hiç zat alynmaýar, şeýle hem hiç zat berilmeýär; olar bilen ylalaşyga gelip bolmaýar. Bu zatlar prokuroryň we dolandyryş edaralarynyň maddy-hukuk gatnaşygynyň subýektleri bolmaýanlygy bilen düşündirilýär.

99-njy madda laýyklykda jogapkäri kazyýet däl-de, talapkär kesgitleýär.

100-nji madda laýyklykda diňe taraplar talapa eýelik edip bilýärler.

72-nji madda esasynda kazyýet çykgajylaryny taraplar çekýär, has dogrusy prosesi utduran tarap.

Taraplaryň esasy hukuklary we borçlary 96-njy we 100-nji maddalarda berlendir. 96-njy maddada umumy hukuklar ýerleşdirlen bolsa (subutnama bildirmek, düşündiriş bermek, şikaýat etmek we ş. m.), 100-nji maddada taraplaryň ýörite hukuklary berilýär. Talapkär talapdan ýüz dönderip bilýär, onuň esasyny, predmetini we möçberini üýtgedip bilýär. Jogapkär talapy ykrar edip bilýär. Olaryň ikisi bilelikde ylalaşyga gelip bilýärler. Talaplaryň hukuklary barada giňişleýin düşünje "Talap" temasynda beriler.

**§2. Degişli däl tarapy çalşyrmak.**

Raýat işi gozgalandan tä çözgüt çykýança kazyýet taraplar jedelli gatnaşygyň subýektleridir diýip çaklaýar. Bu çaklama ýalňyş hem bolup biler, ýagny taraplaryň ikisem ýa-da biri jedelli gatnaşygyň subýekti däl bolsalar. Degişli tarap diýip jedelli gatnaşygyň hakyky subýektlerine aýdylýar. Degişli däl tarap diýip bolsa şol gatnaşygyň hakyky däl subýektlerine äydylýar.

102-nji madda laýyklykda degişli däl tarapy çalşyrmak talapkäriň razylygy boýunça amala aşyrylýar. Tejribede talapkäri çalşyrmagyň dört görnüşi, a jogapkäri çalşyrmagyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar.

Degişli däl talapkäri çalşyrmak.

1-nji görnüş. Degişli däl talapkär prosesden çykmaga razy, a degişli talapkär oňa girmek isleýär. Bu ýagdaýda kazyýet taraplary çalşyrýar we önümçiligi täze talapkär bilen dowam edýär. Täze talapkär özbaşdak talap arza bildirýär we döwlet

pajyny töleýär, geljekde bolsa ähli kazyýet çykdajylaryny çekýär.

2-nji görnüş. Degişli däl talapkär prosesden çykmaga razy, a degişli talapkär bolsa prosese girmek islemeýär. Kazyýet degişli däl talapkäriň talapdan ýüz dönderenligi sebäpli önümçiligi ýatyrýar. Degişli talapkäri prosese mejbury çekip bolmaýar. Işe gatnaşmaklyk onuň dispozitiw hukugy bolup durýar.

3-nji görnüş. Degişli däl talapkär prosesden çykmaga razy däl, a degişli talapkär bolsa prosese girmek isleýär. Kazyýet degişli däl talapkäriň razylygy bolmasa ony işden çykaryp bilmeýär. Şonuň üçin, degişli talapkär prosese özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap hökmünde çekilýär.

4-nji görnüş. Degişli däl talapkär prosesden çykmaga razy däl, a degişli talapkär bolsa prosese girmek islemeýär. Kazyýet önümçiligi dowam etdirýär we talapy kanagatlandyrmazlyk barada çözgüt çykarýar.

Degişli däl jogapkäri çalşyrmak.

1-nji görnüş. Eger talapkär jogapkäriň çalşyrylmagyna razy bolsa, onda kazyýet degişli däl jogapkäri degişli jogapkär bilen çalşyrýar we prosesi dowam etdirýär.

2-nji görnüş. Haçan-da talapkär jogapkäri çalşyrmaga razylyk bermese, onda degişli jogapkär ikinji jogapkär hökmünde işe çekilýär. Adaty talap ikinji jogapkäriň hasabyna kanagatlandyrylýar.

Degişli däl tarapy çalşyrmak kazyýetiň çözgüdi çykýança mümkindir. Mesele işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmagynda kazyýet mejlisinde çözülýär. Kasasion

we gözegçilik kazyýetleri degişli däl tarapy çalşyryp bilmeýärler. Olar bu meseläni kazyýetiň birinji instansiýasyna tabşyrmalydyrlar.

Birnäçe mysallara syn bermek bilen degişli däl talapkäri we jogapkäri çalşyrmagyň aýratynlyklaryna seredip geçeliň.

**§3. Prosesual tarapdarlyk.**

Tejribede talapkäriň we jogapkäriň tarapynda birnäçe subýekt çykyş edip biler, muňa tarapdarlyk diýilýär. Talaplaryň obýektiw we subýektiw birleşmelerini tapawutlandyrmak wajypdyr. Obýektiw birleşme bolanda bir talap arzada birnäçe talap jemlenýär, mysal, nikany ýatyrmak, goş bölmek we aliment töletmek. Subýektiw birleşme talapkäriň we jogapkäriň tarapynda birnäçe şahslaň çykyş etmegini aňladýar. Eger subýektiw birleşme talapkäriň tarapynda bolsa, oňa aktiw tarapdarlyk diýilýär. Haçanda şahslar jogapkäriň tarapynda çykyş edenlerinde, muňa passiw tarapdarlyk diýilýär. Eger iki tarapdada birnäçe subýekt çykyş etse bu garyşyk tarapdarlykdyr.

**Tarapdarlygy esasy häsiýetlendirýän ýagdaýlar:**

1. Tarapdarlykda bolmanda bir tarapynda birnäçe subýekt çykyş edýär.
2. Tarapdarlar hökman garşylyklaýyn tarap bilen maddy-hukuk gatnaşygynda durýarlar.
3. Bir tarapda çykyş edýän tarapdarlaryň bähbitleri biri-biriniňkä ters gelmeli däldir.
4. Tarapdarlaryň her haýsy özbaşdak hukuklardan peýdalanýarlar. Olaryň borçlary-da aýralykda ýüze çykýar.

Tejribede tarapdarlygyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar, hökmany we hökmany däl tarapdarlyk. Muny mysallaryň kömegi bilen düşündireliň. Hökmany tarapdarlyk bolanda biri-biri bilen bagly jedeller aýrylykda garalmaga degişli däldirler, sebäbi olaryň hukuklary we borçlary bir wagtda kesgitlenilmelidir. Aýdalyň, kwartiranyň eýesini jaýdan çykarmak barada mesele goýlupdyr. Bu işe hökman kwartiranyň eýesiniň kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalary çekilmeli.

Hökmany däl tarapdarlyk bolanda jedeller aýry-aýrylygyna hem garalyp bilner. Mysal, üç sany işgär ştatyň kemeldilmegi sebäpli işden şykarlypdyr. Bu ýerde hiç bir kynçylyksyz işe dikeltmek barada üç sany önümçilik gurnalyp bilner. Işgärleriň hemmesi öz işlän edarasy bilen maddy-hukuk gatnaşygynda duran, ýöne olaryň öz aralarynda hiç hili gatnaşyk ýokdur. Hökmany tarapdarlyk bolanda subýektler öz aralarynda hem gatnaşykda durýarlar. Şonuň üçin, ol talaplary bir prosesde çözmeli bolýar. Hökmany däl tarapdarlykda talaplar diňe kazyýetiň başlangyjy boýunça birleşdirilýär. Kazyýet talaplaryň bir prosesde garalmagy maksada laýyk diýen netijä gelse şeýdilýär.

Tarapdarlaryň hukuk statusy. Olaryň hersi aýry-aýrylykda talapkäriň we jogapkäriň hukuklaryndan özbaşdak peýdalanýarlar. Mysal, eger iki talapkäriň biri talapdan ýüz dönderse onümçilik ýatyrylmaýar, beýleki talapkäriň talapy hökman garalýar. Iki jogapkäriň biri talapy ykrar etse oňyn çözgüt çykarylmaýar, eger-de beýlekisi talapy goldamaýan bolsa.

Tarapdarlykda bir çözgüt çykarylýar, şonda hem ähli talapkärleriň we jogapkärleriň hukuklary hem-de borçlary kesgitlenýär. Bir çözgüdiň çykarylmagy ähli tarapdarlar barada meňzeş çözgüdiň çykarylmagyny aňlatmaýar. Işiň ýagdaýlaryna görä kazyýet talapkärleriň biriniň (birnäçesiniň) talapyny kanagatlandyrman biler. Edil şonuň ýalam jogapkärleriň birini (birnäçesini) jogapdan boşadyp biler.

Tarapdarlaryň goşmaça hukuklary. Olar bildirilen kasasion şikaýata goşulyp bilýärler. Bu ýagdaýda olar paç tölemekden boşadylýarlar we kazyýetiň mejlisine çenli şikaýata goşulyp bilýärler. Tarapdarlar işe gatnaşmagy öz içlerinden birine ynanyp bilýärler. Bu halatda tarapdar iki funksiýany ýerine ýetirýär: birinjiden-ä ol tarap, ikinjiden bolsa – beýleki.

**§4. Prosesual hukuk kabul edijilik.**

Taraplaryň biri ölende, ýuridik şahs yatyrlanda prosese onuň hukuk kabul edijisi girip bilýär. Prosessual hukuk kabul edijiligiň esasy bolup maddy-hukuk kabul edijilik ýüze çykýar. Eger-de maddy-hukuk kabul edijilige yol berilmese, onda prosesual hukuk kabul edijilik ýüze çykyp bilmeýär. Mysal, nikany ýatyrmak, aliment töletmek, atalygy kesgitlemek işleri boýunça.

Prosese girmek üçin hukuk kabul edijiniň razylygy gerek. Ol onuň dispozitiw hukugydyr. Hukuk kabul edijiniň girmegi bilen proses dowam etdirilýär.

Degişli däl tarapy çalşyrmak bilen hukuk kabul edijiligiň tapawudy şulardan durýar:

1. Degişli däl tarapy çalşyrmak çözgüt çykyança mümkün. Hukuk kabul ediji islendik stadiýada (döwürde) prosese girip biler.

2. Degişli däl tarap çalşyrylanda proses täzeden başlanýar. Sebäbi degişli tarap üçin degişli däl tarapyň hereketleri hökman däl. Hukuk kabul ediji prosese girende önümçilik dowam etdirilýär. Hukugyny beren adamyň hereketleri hukuk kabul ediji üçin hökmandyr. Hukuk kabul ediji prosesiň täzeden dowam etdirilmegini talap edip bilmeýär. Mysal, ölen adam talapdan ýüz dönderipdir. Şu ýagdaýda hukuk kabul ediji önümçiligiň ýatyrylmagyna razy bolmaly.

3. Degişli däl tarap bilen degişli tarap prosese bile gatnaşyp bilerler. Hukuk
kabul edijilikde bu mümkün däl, sebäbi hukugyny berýän adam ölen.

4. Hukugyny berýän bilen hukuk kabul edijiniň arasynda maddy-hukuk gatnaşygy bar. Degişli we degişli däl taraplaryň arasynda hiç hili gatnaşyk ýokdur.

# Prosese üçünji taraplaryň gatnaşmagy

## §1. Üçünji taraplara düşünje.

"Türkmenistan ynsanperwerlik, adalatlylyk, parahatçylyk, hoşniýetlilik ýol-ýörelgelerine esaslanýan oňyn içeri we daşary syýasatyny ýöredýär. Bu bolsa içeri we daşary syýasatymyzda, döwlet gurluşynda, jemgyýeti hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösdürmekde belent derejelere ýetmäge mümkinçilik berýär"[5]

Taraplardan başga işde maddy-hukuk bähbidi bar adamlara üçünji taraplar degişlidir. Talapkärden we jogapkärden soň bular işde üçünji bähbitli adam bolup durýarlar. Şonuň üçin olara üçünji tarap diýip at berlen. Üçünji taraplaryň hukuk statusyny kesgitleýän ýörite kadalaryň toplumy bar.

Üçünji tarapyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap
2. özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap

Olaryň ikisine hem mahsus häsiýetler:

a) olar başga biriniň gozgan prosesine girýärler.

b) olaryň hukuklary we bähbitleri ilkinji taraplaryňka ters gelýär.

ç) kazyýetuň çözgüdi olaryň hukuklaryňa hökman täsir edýär.

d) talaplaryň bir prosesde garalmagy bilen prosessual tygşytlylyk gazanylýar.

[5] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji t.- Aşgabat, 2008, 138 s.

### §2. Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap diňe öz başlangyjy boýunça prosese girýär. Kazyýet üçünji tarapy mejbury işe çekip bilmeýär. Prosese girmeklik onuň dispozitiw hukugy bolup durýar. Ol prosese umumy esaslar boýunça girýär, ýagny talap arzasyny ýazýar we döwlet pajyny töleýär. Talap arza Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 127, 129-njy maddalaryna gabat gelmeli.

Ony taýýarlaýyş stadiýasynda işe çekmek maksada laýyk. Eger kazyýet seljerşinde işe girse, onda önümçiligi başga bir güne geçirmeli bolýar. Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň talaby boýunça jogapkär hökmünde iki tarap hem bile çykyş edýär. Ol talapkäriň hukuklaryndan peýdalanýar. Onuň resmi adynyň diňe tehniki ähmiýeti bar. Oňa ikinji talapkär hem diýip bolardy. Ýöne kanunçykaryjy iki tarapyň dawasyna üçünji bolup gatnaşýandygy üçin şol ady beripdir.

Özbasdak talap bildirýän üçinji tarap iki ýagdaýda işe göýberilmän biler:

1. Eger kazyýet ol taraplar bilen maddy-hukuk gatnaşygynda duranok diýen netijä gelse.
2. Eger iki tarabyň bir prosesde garalmagy önümçiligi çylşyrymlasdyrýan bolsa, şonun üçin hem iki talapy bile garamak maksada laýyk däl diýen netija gelinse.

Üçünji tarap şular ýaly bolanda öz hukugyny nädip goramaly. Bu iki ýagdayda ol işi utan tarapa talap arza bildirip bilýär.

Ony prosese goýberildi ýa-da göýberilmedi diýip çykarylan kesgitleme kasasion şikaýat bildirip bolmaýar. Muny gös-göni Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksi belleýär (103-104-105-nji maddalar). Üçünji tarapyň hukuk statusyny mysallaryň üsti bilen düşündireliň. Aýdalyň, mirasdarlar Ataýew we Berdiýew miras galan jaýy bölmek barada iş açypdyrlar. Durdyýew wesýetnama esasynda jaýyň özüne degişlidigini subut etmek üçin prosese özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap hökmünde üçünji tarap hökmünde girýär. Şular ýaly mysallaň ýene-de birnäçesine seredip geçeliň we ýokarda görkezilen kadalaryň işleýşini göreliň.

**§3. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap.**

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap eger kazyýetiň çözgüdi özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň hukuklaryna täsir edýan bolsa, talapkäriň ýa jogapkäriň tarapynda çykyş edýär. Tejribeden görnüşi ýaly ol diňe jogapkäriň tarapynda çykyş edýär. Çözgüdiň esasy täsiri oňyn çözgüt çykan halatynda regres talapyň döremegine getirýänligindedir. Mysal, ulag serişdesi bilen jebir çekene maddy zyýan ýetirilipdir. Jogapkär hökmünde işe ulag serişdesiniň eýesi çekilýär, a sürüji bolsa işe üçünji tarap hökmünde gatnaşýar. Üçünji tarapyň işe girmegi üçin başga ýuridik bähbit hem esas bolup biler. Mysal, Ataýewiň ikinji aýaly aliment almak barada talap bildirýär. Bu işde Ataýewiň birinji aýaly onuň tarapynda üçünji tarap hökmünde işe çekilýär. Birinji aýalynyň bähbidi esassyz talap boýunça öz çagasyna alýan alimentiniň

möçberini azaltdyrmazlykda, sebäbi Ataýew iki çaga 1/2 däl-de 1/3 möçberde aliment tölemeli.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap prosese özi hem girip bilýär. Şonuň ýaly-da taraplaryn, kazyýetiň başlangyjy boýunça çekip bilýärler. Özbasdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň hukuk statusy jogapkäriňki bilen deň. Yöne 100-nji madda ygtyýary ýok. Sebäbi 1-nji maddy-hukuk gatnasygynyň subýekti däl.

Üçünji tarapyň gatnaşmagy onuň özüne we jogapkäre näme berýär? Jogapkär üçin: üçünji tarap regres talap garalanda ondan ýüz dönderip bilmeýär. Sebäbi 1-nji çözgüdin regres talapyna garalýan işe preýudisial täsiri bar. 1-nji işde anyklanan faktlar 2-nji işde subut edilmeýär, bolşy ýaly kabul edilýär.

Eger ol işe çekilmedik bolsa onda Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 310-njy maddasy esasynda 1-nji çözgüdiň güýji oňa degişli bolmazdy. Üçünji tarap prosese gatnaşyp jogapkäre kömek berýär. Eger jogapkär jogapdan boşasa onda üçünji tarap hem regres talapdan boşaýar.

Bir ýagdaýda ol prosese goýberilmän biler: eger jogapkär bilen onuň arasynda maddy hukuk gatnasygy ýok diýen netijä gelinse. Mysallaryň üsti bilen özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň hukuk statusyna baha bereliň.

Esasy talap bilen regres talap bir önümçilikde garalmaýar. Sebäbi bu talaplaryň esaslary we predmetleri gabat gelmeýär. Mysal, uniwersitetiň gardirobyndan Ataýewiň telpegi ogurlanypdyr. Ataýew bilen TDU-nyň arasynda zady saklamak barada raýat

hukugyndan gelip çykýan şertnama bar. TDU bilen gardiropçiň arasynda maddy jogapkärçilik barada zähmet şertnamasy bar.

**§4. Wezipeli adamyň üçünji tarap hökmünde işe dikeltmek işine gatnaşmagy.**

Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 105-nji madda esasynda bir ýagdayda ýagny işe dikeltmek işinde esasy talap bilen regres talap bir önümçilikde ýagny bir prosesde garalýar. Regres talap öz-özüne bildirilmeýär şonuň üçin hem bir prosesde garalýar.

Wezipeli adam diňe iki yagdayda kazy tarapyndan işe çekilip biliner.

1. eger zähmet kanunçylygy gödek bozulan bolsa (göwreli aýaly işden çykarmak, kärdeşler arkalaşygynyň razylygyny alman kämillik ýaşyna ýetmedigi işden çykarmak we.ş.m.)
2. wezipeli adamyn günäsi bar bolsa. Aýdalyň, onuň ýerine buýruga basga biri gol çeken bolsa.

Bu işler boýunça hemme ýagdaýlarda wezipeli adam işe çekilmeýär. Tejribede bu talaplaryň takmynan 50%-i kanagatlandyrylýar.

Eger ýokardaky faktlar kazyýetde tassyk bolanda onda jogapkäre ýetirilen zyýan wezipeli adamdan alnyp berilýär.

Tejribede kä halatlarda wezipeli adam resmi işe çekilmezden ondan pul alynýar. Bu ýagdaý 310-njy madda ters gelýär ( kazyýetiň çözgüdi işe kanunda görkezilen tertipde çekilmedik adama degişli däl).

Eger wezipeli adam işe çekilmedik bolsa, onda şol edara tarapyndan regres talap bildirilmeli. Bu talapy prokuror hem bildirip bilýär, sebäbi mesele prokuroryň hemişelik gözegçiliginde bolmaly.

Işgär bilen ýolbaşçy ylalyşyga gelip bilerler. Kazyýet bu ylalaşygy tassyklamaly eger ýolbaşçy maddy jogapkärçilikden boşadylmaýan bolsa. Eger kazyýetiň çözgüdi belli bir wagtyň dowamynda ýerine ýetirilmese, onda mejbury ýerine ýetiriliş çäresi ulanylýar.

# Prokuroryň raýat prosesine gatnaşmagy

## §1. Prokuroryň raýat prosesine gatnaşmagyna düşünje we onuň ähmiýeti.

"Konstitusion reformalaryň her biri ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň aýry-aýry düzgünleriniň many-mazmunyny ösdürdi we baýlaşdyrdy, hukuk döwletiniň hereket etmeginiň düzüm bölegi boldy hem-de öz döwrüniň möhüm syýasy we durmuş-ykdysady meselelerini çözmäge ýardam etdi"[6]

Dünýä tejribesinden çen tutsak hiç bir döwletde kazyýetiň üstünden prokuror gözegçiligi ýok. Bu kada öňki SSSR we Albaniýa döwletlerinde bolupdyr. Gynansak-da, prokuror gözegçiligi Türkmenistanyň prosesual kanunçylygynda häli-şindem hereket edip gelýär. Ýogsam Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda prokuror prosese gatnaşýar. Munuň özi

---

[6] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji t.- Aşgabat, 2008, 143 s.

prokuroryň prosesde belli bir gatnaşyjy bolmagyny aňladýar (garalawjy, talapkär).

Biz ýokarda goýlan soraglara hereket edýän prosesual kanunçylyga laýyklykda jogap bereris. Geljekde prosesual kanunçylyk Konstitusiýanyň talaplaryna gabat getiriler. Munuň özi prokuroryň hukuk statusynda düýpli özgerişiklere getirer, onuň funksiýalaryny köp derejede çäklendirer.

Prokuror gözegçiligi hereket edýän prosesual kanunçylykda şu güne çenli bar.

Prokuror gözegçiligi prosesiň ähli döwürlerinda her bir iş boýunça alnyp barlyp bilner.

Prokuror edil kazyýet ýaly garaşsyz statusdan peýdalanýar. Yagny ol islese talap arza bildirýär. Gerek halatynda kassasion, gözegçilik garşylyknamasy bilen kazyýete ýüzlenýär we ş.m. Kazyýet bu hereketleri näme üçin amala aşyrýaň diýip prokurordan sorap bilmeýär. Yöne prokuror beýleki gatnaşyjylar ýaly başlyklyk edijiň talaplaryna boýun bolmaly (147-nji madda). Eger prokuror prosesiň dürs gitmegine päsgelçilik döretse onda, kazy kazyýetiň adyndan oňa duýduryş bildirýär. Eger bu hereketler dowam etdirilse, onda mümkünçilik bolan halatynda prokuror başga bir prokuror bilen çalşyrylýar, ýogsamam iş başga bir güne belenilýär. Eger prokuror sebäpsiz prosese gijä galsa ýokarda duran prokurora hökman habar edilýär (düzgün-nyzam jogapkärçilik üçin esas döreýär).

Prokuror hiç bir hökmany buýruk beriji äheňdäki hereketleri amala aşyrmaga haky ýok. Mysal: prokuror bikanun çözgüdi ýatyryp bilmeýär. Ol ony ýatyrmak

barada mesele goýup bilýär (kassasion gözegçilik tertibindäki garşylyknamalar).

Prokuror gözegçiliginiň esasy usullary:

- kazyýete talap arza bildirmek;
- kassasion we gözegçilik tertipde garşylyknama bildirmek;
- işiň düýp mazmuny boýunça netije bermek;
- işde ýüze çykýan prosesual meseleler boýunça netije bermek (mysal, talapkär goşmaça şaýadyň çagyrylmagyny kazyýetden soraýar, şu mesele boýunça prokuror netije berýär.);
- ýerine ýetiriş stadiýada kazyýet ýerine ýetirijisiniň hereketlerine gözegçilik etmek.

**Prokuror prosesde iki funksiýany ýerine ýetirýär:**

a) başganyň bähbidini gorap çykyş edýär;

b) kanun bozulmalaryň üstünden gözegçilik edýär (gatnaşyjylaryň hereketi bilen bagly).

**§2. Prokuroryň kazyýetiň birinji instansiýasyna gatnaşmagy.**

Prokuror birinji instansiya iki formada gatnaşýar. Bu ýagdaýy shemalaň
kömegi bilen aňlatjak bolalyň.

***1. Raýat işini gozgamak.***

Prokuroryň hökmany üç çykyşy:

a) birinji bolup talap arzany goldamak (soň bähbidi goralýan çykyş edip bilýär);

b) kazyýet geplemelerinde birinji bolup çykyş etmek;

ç) işiň düýp mazmuny boýunça netije bermek.

Prokuroryň netijesi şu punktlardan durýar:

1. derňelen subutnamalara analiz bermek;

2. şeýlelik-de ýuridik faktyň barlygy ýa-da ýoklugy barada netije
çykarmak (maddy-hukuk kadanyň dispozisiýasy);
3. şol ýuridiki fakty kadalaşdyrýan kadany kesgitlemek;
4. iş boýunça netije çykarmak (ýagny talaby kanagatlandyrmalymy ýa-da
ret etmelimi);
5. jedele syýasy hem jemgyýeýçilik nukdaý nazardan baha bermek. Mysal,
jaýy bikanun salmagyň faktlary köpelipdir. Şonuň sebäplerini
öwrenmeli we geljekde bu ýagdaýyň öňüni almaly.

***2. Gozgalan işe girip işiň düýp mazmuny boýunça netije bermek.***

Prokuroryň hökmany ýeke çykyşy bar. Ol hem işiň düýp mazmuny boýunça netije bermek.

Prokuroryň ikinji forma boýunça gatnaşmagynyň esaslary:

1. eger onuň gatnaşmagy kanunda görkezilen bolsa. Mysal: atalykdan-enelikden mahrum etmek, kämillik ukybyny çäklendirmek ýa-da ýok diýip tapmak we ş.m. işlere prokuror hökman gatnaşmaly;
2. kazyýet prokuroryň gatnaşmagyny hökman diýip tapsa. Kazyýet işiň çylşyrymlylygyny we ähmiýetliligini göz öňüne alýar;
3. Baş prokuroryň görkezmeleri bar bolan işler boýunça. Mysal: işe dikeltmek, jaýdan çykarmak we.ş.m;

4. ýokarda duran prokuroryň görkezmesi bar bolsa. Mysal: Azatlyk etrap prokuroryna Aşgabat şäher prokuroryndan görkezme;
5.prokuror öz başlangyjy boýunça islän işine gatnaşyp bilýar.

Diňe birinji forma degişli ýagdaýlar (tezisler).

1. iş gozgamak üçin kanunçylygyň bozulandygy barada maglumat

(raýatlaryň arzalary, guramalaryň habarlary, umumy gözegçiligiň netijeleri). Seýlelikde kanunyň bozulandygy ýüze çyksa prokuror näme edip bilýar:

a) jenaýat işini gozgap bilýar;
b) ýokardaky duran gurama garşylyknama, teklipnama bildirip bilýär;

ç) başga biriniň gozgan işini girip işine boýunça netije berýär;
d) raýat işini gozgaýar.

2. Prokuror diňe şu aşakdaky ýagdaýlarda iş gozgaýar:
a) raýatlar fiziki, psihiki kemlikleri sebäpli öz hukuklaryny gorap bilmeýärler;
b) döwletiň, jemgyýetiň bähbidi degişli edara, gurama tarapyndan goralmasa;

ç) haçan-da döwletiň bähbidine ters gelýän işler edilende. Mysal, baglaşylan şertnama döwletiň bähbitlerine ters gelýär. Ony hakyky däl diýip tapmak barada iş gozgamak.

3. Prokuroryň talap arzasy (128-nji madda)

Prokuror talap arza bildirende 128-nji madda boýunça goşmaça näme görkezmeli?
a) prokuraturanyň adyny;
b) bähbidi bar adamynyň F.A.A. we onuň salgysyny;
ç) jedelli gatnaşygy kadalaşdyrýan maddy-hukuk kadasyny.
Ikinji punkt bähbidi bar adamynyň işe talapkär hökmünde çekmek üçin gerek.
Uçünji punkt prokuroryň talapyň hukuk esasyny görkezmegini talap edýär. Bu talap onyň kanuny bilýän adam bolany üçin bildirilýär.

4. Eger talapkär bähbidi bar adam bolsa, onda prokuror kim? Munuň üç sany ylmy düşündirişi bar:
a) prokuror prosesde tarap. Bu düşünje ýalňyş, sebäbi ol maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti däl, şonuň üçin hem oňa eýelik edip bilmeýär;
b) kanuna gözegçilik edýän döwlet wekili. Bu düşünje dogry, ýöne öz içine diňe ikinji formany alýar. Prokuror birinji forma boýunça talapkäriň funksiýasyna mahsus hereketleri ýerine ýetirýär;
ç) prokuror sözüň prosesual manysyndaky talapkär. Bu iki talapkäriň
tapawudy: prosesual talapkäre garşylyklaýyn talap bildirip bolmaýar.
Onuň bilen ylalaşyga gelip bolmaýar. Oňa hiç zat berilmeýär we ondan
hiç zat alynmaýar.

5. Prokuror talap-arzadan ýüz dönderip bilýär, haçan-da öz talaby esassyz we bikanun diýen

netijä gelse. Bu ýagdaýda önümçilik talapkäriň haýyşy boýunça dowam etdirilse, onda prokuror jogapkäriň bähbidini goramaga geçýär.

Prokuror ikinji instansiýa hem iki formada gatnaşýar. Shemalaryň kömegi bilen düşündireliň.
**Birinji forma:** kassasion garşylyknama bilen kassasion kazyýet önümçiligini gozgamak .

Prokuroryň hökmany çykyşlary:

a) garşylyknamany goldap çykyş etmek;
b) işe gatnaşýan taraplaryň düşündirşinden soň çözgüdiň esaslylygy we kanunylygy barada netije bermek.

Prokuroryň netijesi şulary öz içine alýar:

a) çözgüde analiz bermek (faktlar dogry kesgitlenipdirmi, olar subut edilipdirmi, kanunlar dogry ulanylypdyrmy;

b) kassasion şikaýata we oňa gelip gowşan düşündirişlere analiz bermek;

ç) taraplaryň düşündirişine we goşmaça materiallara baha bermek;

d) çözgüdiň kanunylygy, esaslydygy barada netijä gelmek.

**Ikinji forma** : Kassasion şikaýat boýunça gozgalan işe girip çözgüdiň kanunylygy, esaslylygy barada netije bermek.

Prokuroruň bir hökmany çykyşy bar: ol hem çözgüdiň esaslylygy we kanynylygy barada netije bermek ( işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişinden soň).

Iki forma hem degişli ýagdaý: kassasion kazyýetde ýokarda duran prokuror gatnaşýar. Mysal: etrap

prokurory iş gozgaýar, Aşgabat şäher kazyýetinde şäher prokuraturasynyň wekili çykyş edýär .
Birinji forma degişli maglumat (tezisler).

Prokuraturanyň haýsy işgärleri kassasion garşylyknama bildirip bilýärler?
Eger prokuraturanyň wekili prosese gatnaşan bolsa, onda prokuroryň kömekçisi, bölüm prokurory we uprawleniýäniň prokurory (prokuroryň kömekçisi-etrapda, bölüm prokurory-welaýatda, Aşgabat şäher prokuraturasynda, uprawleniýäniň prokurory – Baş prokuraturada ).

Eger prosese prokuror gatnaşmadyk bolsa, onda bu hukuk prokurora we onuň orunbasaryna berilýar. Gatnaşmadygam bolsa bu hukugyň prokurora berilmegi olaryň kanunyň üstünden gözegçiligi amala aşyrmagy bilen düşündirilýär. Prokuror gatnaşmadyk işlerini on günüň dowamynda öwrenmeli we gerek halatynda kassasion garşylyknama bildirmeli. Prokuror garşylyknamadan ýüz dönderip bilýär. Bu hukuk ýokarda duran prokurorada berilýär. Eger kazyýet önümçiligi başlan bolsa, onda prokuror garşylyknamany goldamakdan ýüz dönderip bilýär.

Prokuror üçünji instansiýa hem iki formada gatnaşýar (shemalar).
**Birinji forma:** gözegçilik garşylyknama bilen kazyýet önümçiligini gozgamak .
**Ikinji formada:** kazyýet işgärleriň garşylyknamasy boýunça gozgalan işe gatnaşyp kazyýetiň kararlarynyň kanunylygy we esaslylygy barada netije bermek.
Her formada prokuroryň bir hökmany çykyşy bar.

Birinji formada garşylyknamany goldaýar, ýöne netije bermeýär.
Ikinji formada kazyýetiň kararlarynyň kanunylygy, esaslylygy barada netije berýär.
Uçünji instansiýa prokuroryň gatnaşmagy hökman.
Taraplar gözegçilik kazyýet önümçiligini gozgap bilmeýärler. Ony diňe prokuror ýa-da kazyýetiň işgärleri tarapyndan gozgap bolýar.
Gözegçilik kazyýetlerinde :
1. Aşgabat şaher we welaýat kazyýetleriniň prezidiumlarynda-welaýat, Aşgabat şäher prokurory ýa-da orunbasary.
2. Yokary kazyýetiň raýat işleri boýunça kollegiýasynda - Baş prokuror tarapyndan bellenilen prokuror.
3. Yokary kazyýetiň prezidiumynda - Baş prokuror ýa-da onuň orunbasary.
4. Yokary kazyýetiň plenumynda- Baş prokuroryň özi.

Etrap prokurory gözegçilik kazyýetini gozgap bilmeýar. Ol teklipnama bilen ýokarda duran prokurora ýüzlenip bilýär.

Yerine ýetiriş stadiýasyna prokuroryň gatnaşmagy. Bu ýerde kazyýet ýerine ýetirijisiniň hereketlerine prokuror gözegçilik edýär. Ol bu hereketler amala aşyrylandan soň on günüň dowamynda ýa-da oňa şol hereketler barada belli bolandan soň şol wagtyň içinde kazyýet ýerine ýetirjisiniň hereketlerine şol kazyýeta garşylyknama bildirip bilýär.

Prokuror täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça hem kazyýet önümçiligini gozgap bilýär ýa-da gozgalan işe gatnaşyp netije berip bilýar.

# Kazyýet wekilçiligi

## §1. Kazyýet wekilçiligine düşünje.

“Täze Galkynyş we uly özgertmeler eýýamy ýurdumyzy syýasy, ykdysady we ruhy-medeni taýdan täze belentliklere çykardy. Ata Watanymyzyň ykdysady-syýasy kuwwaty barha artýar, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesi gowulanýar. Dana pederlerimiziň asyrlaryň dowamynda sünnälän aň-düşünje, ruhy-ahlak, dünýägaraýyş, pelsepe gymmatlyklaryny özünde jemleýän milli bilim ulgamymyz dünýäniň ylym-bilim ulgamy bilen sazlaşykly ösdürilýär.
Nesillerimiziň eşretli durmuşda ýaşamagy, döwrebap bilim-terbiýe almagy, dünýägaraýyşlaryny giňeltmegi, sport bilen meşgullanmagy, geljekde ilimize-ýurdumyza peýdaly ökde hünärmenler, ýokary ahlakly halal adamlar bolup ýetişmegi döwletimiziň baş aladasydyr.”[7]

Kazyýet wekilçiligi barada anyk gürrüňe geçmezden öň, kazyýet wekiliniň raýat hukugyndaky wekilden näme bilen tapawutlanýanyny anyklamaly.

Kazyýet wekili raýat hukugyndaky wekilden şular bilen tapawutlanýar:

1. kazyýet wekilçiligi öz içine diňe bir raýat hukugyndan gelip çykýan gatnaşyklary alman, bulardan-da başga zähmet, maşgala, ýaşaýyş

[7] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji t.- Aşgabat, 2008, 157-158 s.

jaý, ekologiýa bilen bagly gatnaşyklary hem alýar.

Raýat hukugynda wekilçilik diňe raýat gatnaşyklary bilen bagly ýüze
çykyp bilýär.

2. kazyýet wekili ygtyýaryny bereniň hukuklaryny we bähbitlerini goraýar. Şonuň ýaly-da kazyýete aýanlygy ýüze çykarmaga kömek berýär.

   Raýat hukugynda wekil wekilçiligini beren adam üçin raýat hukuklaryny we borçlaryny döretmek we ýerine ýetirmek bilen bagly hereketleri amala aşyrýar.

3. kazyýet wekili we wekilçiligini beren adam ikiside bir bada prosese gatnaşyp bilýärler. Mysal: talapkär we onuň adwokaty. Rayat hukugynda wekiliň diňe özi hereket edýär, wekilçiligini beren hiç bir derejede gatnaşyklara goşulmaýar.

4. kazyýet wekiliniň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde we ynanç hatynda görkezilýär. Raýat hukugyndaky wekiliň ygtyýarlary diňe ynanç hatynda berilýär.

   Wekil-wekiliňki diňe ynanç hatynda berilýär.

   Geçen temalarda belleşimiz ýaly raýat prosesiniň gatnaşyjylary üç topara bölünýärler. Kazyýet we onuň wezipeli adamlary birinji topara degişli. Ikinji topara işde hiç bir ýuridik bähbidi ýok gatnaşyjylar, a üçünjä bolsa işde bähbidi bar gatnaşyjylar girýär. Kazyýet wekili ikinji topara degişli. Prokurordan, döwlet edaralarynyň wekillerinden tapawutlylykda olar

öz atlaryndan däl-de wekilçiligini bereniň adyndan çykyş edýärler.

Ikinji topardakylara “işe gatnaşýan taraplar” diýilýär. Işe gatnaşýan tarap bolmak üçin:

a) öz adyňdan çykyş etmeli;

b) işde hukuk bähbidiň bolmaly.

Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiiniň 112-nji maddasyndan görnüşi ýaly kazyýet wekili elmydama wekilçiligini berýäniň adyndan we onuň bähbitlerini gorap çykyş edýär. Kazyýet wekili diňe ynanç haty bilen işe gatnaşyp bilýär. Wekilçiligini berýän wekiliň hukuklaryny kesgitleýär. Olary azaldyp, köpeldip ýa-da ýatyryp bilýär. Kazyýet wekiliniň hereketleri bilen ýüze çykýan ýagdaýlar onuň özüne däl-de wekilçiligini beren adama hukuklary we borçlary döredýär. Çözgüt esasynda kazyýet wekiline hiç zat berilmeýär hem, ondan zat alynmaýar hem. Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 107-108-nji maddalary boýunça prokuroryň we döwlet edaralarynyň işde prosesual bähbitleri bar. Olar döwlet tarapyndan kesgitlenen funksional borçlaryny ýerine ýetirýärler.

Kazyýet wekiliniň hukuk statusyny häsiýetlendirýän ýagdaýlar tezis formasynda beriler.

Kazyýet wekilçiligi prosesiň ähli stadiyalarynda, kazyýet önümçiliginiň görnüşlerinde we ähli raýat işleri boýunça ýüze çykyp biler. Kazyýet wekilçiligi bilen bagly iki topar gatnaşyklar döreýär:

a) wekil bilen wekilçiligini berýäniň arasynda. Bu maddy-hukuk gatnaşygydyr

(tabşyryk şertnamasy we zähmet şertnamasy).

b) kazyýet wekili bilen kazyýetiň arasynda ýüze çykýan prosesual gatnaşyklar. Bular Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň kadalary tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Kim wekiliň üsti bilen prosese gatnaşyp bilýär:

a) bähbidi bar adamlar (talapkär, jogapkär, 3-nji tarap).

b) ýüridik şahslaryň bähbidini olaryň edaralary (ýolbaşçylary) gorayar. Haçan-da edara çykyş edende wekilçilik ýok. Edara (ýolbaşçy) işi alyp gitmegi wekillere tabşyryp bilýär.

ç) kämillik ukyby ýok adamlar kanuny wekilleriň üsti bilen işe gatnaşýarlar.

**Kim kazyýet wekili bolup prosese gatnaşyp bilmeýär?**

a) kämillik ukyby ýok adamlar (şol sanda kämillik ukyby çäklendirilen adamlar).

b) adwokat üç ýagdaýda:

1. eger Türkmenistanyň kanunçylygyny bozup wekilçiligi berjaý edýän bolsa (lisenziýasy yok).
2. eger ýuridik konsultasiýalardan kowulan bolsa-110-njy maddanyň 7-nji punkty boýunça .
3. kazyýetiň hökümi esasynda adwokat hömünde hukuk kömegini bermekden çäklendirilenler (5 ýyla çenli).

ç) kazy, prokuror, sülçi . Olar diňe öz edaralaryň adyndan wekil bolup bilýärler.

d) eger wekil öň garşylykly tarapyň bähbidini goran bolsa, ýa-da öň şu iş boýunça bir prosesual rolda çykyş eden bolsa, ýa-da işe gatnaşan wezipeli adamyň garyndaşy bolsa onda ol wekil bolup bilmeýär.

**§2. Kazyýet wekilçiliginiň görnüşleri.**

Wekilçiligiň üç görnüşi bar.

1. Häsiýeti boýunça hökmany we hökmany däl wekilçilik.

Hökmany däl wekilçilik:

a) eger işe gatnaşýan tarap kämillik ukybyna ýeten we akyl-huşy ýerinde bolsa.

b) ýuridiki tarap ýekelikde çykyş edýän edara bolsa (direktor, prezident), şular ýaly ýagdaýlarda onuň özi çykyş edýär (islese wekile hem tabşyryp bilýär, ýa-da wekil bilen bile gatnaşyp bilýär).

Hökmany däl wekilçilik:

a) kämillik ukyby ýok ýa-da çäklendirilen adam.

b) kollegial edara ( umumy ýygnak, prawleniýe we ş.m.).

2. Döreýiş esaslary boýunça:

a) tabşyryk şertnamasy-adwokat. Zähmet şertnamasy- ýuriskonsul

b) belli bir jemgyýetçilik guramalaryň agzasy bolmak (aýdalyň, profsoýuz edaraynyň).

ç) ene-ata ýa-da perzentligi alan adam. Bular öz çagasynyň kanuny wekili bolýarlar.

d) hossar we howandar. Bular akyly kem, üýtgän adamlaryň, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň we kämillik ýaşyna ýeten, ýöne fiziki kemlikleri sebäpli öz hukugyny, bähbidi gorap bilmeýän adamlaryň, şonuň ýalam kämillik ukyby çäklendirilen adamlaryň hukuklaryny goroýarlar.

3. Mazmuny boýunça şertnamalaýyn we kanuny wekilçilik tapawutlandyrylýar:

a) şertnamalaýyn (meýletin) esasda döreýän wekilçilik. 110-njy maddanyň punktlary:
   p.1.-adwokat;
   p.2-ýuridik taraplar;
   p.3.4.5.- jemgyýetçilik guramalary esasan (kärdeşler arkalaşygy);
   p.6.7.- raýatlaryň wekilçiligi.
   Diňe 2-nji punktda wekilçilik zähmet şertnamasy esasynda döreýär. Galan punktlarda bolsa tabşyryk şertnamasy boýunça döreýär.

Adwokat raýatlaryň we ýuridik taraplaryň bähbitlerini goraýar. Ýuridik şahslaryň hemmesinde ýuriskonsul ýok, şonuň üçin bular ýuridik konsultasiýalar bilen şertnama baglaşýarlar.

Yuridik taraplaryň bähbitlerini onuň edaray (gulluk ygtyýarlyklaryny tassyklaýan dokument esasynda) ýa-da onuň tarapyndan bellenilen wekil amala aşyrýar (ýuriskonsul ýa-da islendik ştatda duran işgär.). Öň belleýşimiz ýaly edara (ýolbaşçy) işe gatnaşanda wekilçilik döremeýär.

Raýatlaryň wekilçiligi. Tarapdarlar öz wekilçiligini öz içlerinden birine tabşyryp bilýärler, ol bu ýerde iki funksiýany ýerine ýetirýar: tarapyň we wekiliň. 7-nji punkt boýunça wekilçiligini islendik adama tabşyryp bolýar. Yuridik bilimiň bolmagy hökman däl.

a) kanuny wekilçilik gös-goni Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde berkidilen. Şertnamalaýyn wekilçilikden tapawutlylykda bu wekilçiligiň ýüze çykmagy üçin şertnama baglaşmak gerek däl.

Kanuny wekil garyndaşlyk esasynda (ene-ata we perzentligi alan ) we bellemek esasynda döreýär (howandar, hossar). Bular akyly kem, üýtgän adamlaryň, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň we kämillik ýaşyna ýeten fiziki kemçilikleri sebäpli öz hukuklaryny we bähbitlerini gorap bilmeýän adamlaryň hukuklaryny goramaga gatnaşýarlar.

**§3. Kazyýet wekiliniň ygtyýarlary we olary resmileşdirmek.**

Kazyýet wekiliniň ygtyýarlary iki bölümden ybaratdyr:

a) umumy ygtyýarlar;
b) ýorite ygtyýarlar.

1. umumy ygtyýarlar Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde berilendir (subutnamalary bildirmek, düşündiriş bermek, sorag bermek we ş.m.). Bu hereketleri amala aşyrmak üçin wekilçiligini berýan adamyň razylygy gerek däl.

2. ýörite ygtyýarlar ynanç haty esasynda döreýär. Bu ýerde wekiliň hereketleri jedeliň predmetine gös-göni täsir edýär. Şonuň üçin diňe wekilçiligini berýän adamyň resmi razylygy esasynda amala aşyrýar. Bu hereketler 112-nji maddada görkezilen.

112-nji madda laýyklykda şu hereketleri amala aşyrmak üçin hökman ynanç haty gerek:

1. işi bitaraplyk we ýoldaşlyk kazyýetine geçirmek üçin;
2. talabyň predmetini üýtgetmek üçin;
3. talapdan ýüz döndermek üçin;
4. talaby ykrar etmek üçin;
5. ylalaşyga gelmek üçin;
6. wekilçiligi başga birine bermek üçin;
7. ýerine ýetiriji dokumenti ýerine ýetirmek üçin bildirmek üçin;
8. berlen emlägi, puly almak üçin;
9. kassasion şikaýat bildirmek üçin;

Şu dokuz hereket ynanç hatynda dolulygyna berlip biliner. Ýogsam hem, olaryň diňe gereklileri görkezilip biliner. Eger şu hereketler razyçylyk alynman edilse, onda çözgüt ýatyrylmaga degişlidir.

Wekiliň ygtyýarlaryny resmileşdirmek. Wekiller nähili resminamalar esasynda prosese gatnaşyp bilýärler?

1. adwokat – ýuridik konsultasiýanyň orderi we 112-nji maddadaky hereketleri amala aşyrmak üçin goşmaça ynanç hatyny bildirmeli ( order we ynanç haty).

2. ýuridik tarap – möhürli, golly edaranyň ynanç hatyny bildirmeli. Ynanç haty köp işler üçin ýa-da belli bir işe gatnaşmaga berilýär. Köp işe gatnaşmak üçin ynanç haty ýuriskonsula berilýär. Belli bir işe gatnaşmak üçin ynanç haty islendik işgäre berilip bilner.
3. jemgyýetçilik guramalary – kärdeşler arkalaşygynyň şahadatnamasy, 112-nji maddadaky hereketleri amala aşyrmak üçin ynanç haty gerek.
4. raýatlaryňky –dilden bolup biler ( hökman kazyýet mejlisiniň protokolyna geçirilýär). Ýazmaça ynanç haty notarial tertipde tassyklanylýar. Seýle-de ol okaýan, işleýän, ýaşaýan ýeri boýunça, kesselhana administrasiýasy we harby gullukdaky adamyň komandowaniýesi tarapyndan tassyklanylyp biliner.

5. kanuny wekillerden ynanç haty talap edilmeýär. Olar dogluş, perzentlige alynanlygy baradaky şahadatnama, hossarlygy, howandarlygy subut edýän resminamalar esasynda gatnaşýarlar.

# Raýat kazyýet önümçiliginde talap

## §1. Talapa düşünje.

“Islendik kanun, ilkinji nobatda, adama hyzmat etmelidir. Bu gün biziň içeri syýasatymyzyň baş şygary “Döwlet adam üçindir!” diýen şygardyr… Onsoňam täze Konstitusiýa jemgyýetiň eşret gazanmak guraly däldir, ol olary gorap saklamagyň kanun tarapyndan tassyklanan kepilidir.[8]”

Başdaky temalarda belleýşimiz ýaly raýat prosesi üç kazyýet önümçiliginden durýar: talap önümçiligi, aýratyn önümçilik, dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan önümçilik. Kazyýet önümçiliginiň esasy görnüşi bolup talap önümçiligi durýar. Talap önümçiliginiň kadalary umumy kadalary hökmünde hereket edyär, başgaça aýdanymyzda bu kadalar beýleki iki kazyýet önümçiliginede degişlidir. Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde bu önümçilikleriň aýratynlyklaryny göz öňünde tutýan kadalar hem bardyr .

Talap önümçiliginde raýat, maşgala, zähmet, ýaşaýyş jaý, ekologiya hukuklaryndan gelip çykýan jedeller garalýar. Bu önümçiligiň düýp mazmuny bozulan we jedelli hukugy goramakdyr .

Talap prosesual edebiyatda giňden öwrenilen meseledir. Talap bilen bagly birnäçe ylmy taglymatlar bar. Ylymda talapyň üç kesgitlemesi bar:

- Jedelli hukugy goramak üçin kazyýete bildirilýän talap;

---

[8] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji t.- Aşgabat, 2008, 281 s.

- Talap iki sany özbaşdak düşünjeden durýar. Maddy hukukda talap diyip bozulan ýa-da jedelli hukuk gatnaşygyna aýdylýar. Prosesual hukukda talap kazyýetiň üsti bilen subýektiw hukugy goramaklyga aýdylýar;
- Talap bir bitewi düşünje. Özünem onuň maddy-hukuk we prosesual aspektleri bardyr. Raýat prosesual kanunçylygyna ser salsaň Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde onuň iki aspektinide suratlandyrýan kadalar bar. Mysal, talabyň prosesual aspektini 131-nji maddanyň 7-8-9-njy punktlary häsiýetlendirýär, a talabyň maddy-hukuk tarapyny 100-nji maddada görse bolýar.

Talaby maddy-hukuk aspektsiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Talapkär maddy-hukuk gatnaşygyna esaslanyp jogapkäre öz nägileliklerini bildirýär. Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksine esaslanyp bolsa talapkär kazyýetden jogapkär bilen bagly jedelini çözüp bermegini talap edýär.

Talapkäriň hemme maddy-hukuk talaby kazyýetde garalmaga degişli däl, sebäbi dolandyryş tertipde garalýan talaplarda bar. Raýat prosesinde «talap» diýen düşünjäni diňe kazyýetde garalýan talaplar düzýär.

Bu düşünje ýokarda görkezilen tertipde arbitraž prosesinde hem ulanylýar.

**§2. Talapyň alamatlary.**

Talap iki alamatdan durýar: esasyndan we predmetden. Alamatlar bilelikde talapyň mazmunyny düzýärler. Mazmuny boýunça bir talap başga bir talapdan tapawutlandyrylýar .

Talabyň predmeti onuň esasyndan gelip çykýar we talapkäriň jogapkärden işleýän zadyny aňladýar. Mysal ,,işe dikelt”, ,, aliment töle ” we .ş.m

Talabyň esasyny maddy-hukuk gatnaşygyň ýüze çykmagyna getiren ýuridik faktlar düzýär. Ýuritik fakt adaty faktdan tapawutlylykda hukuk gatnaşyklarynyň döremegine, üýtgemegine we ýatyrylmagyna getirýär. Ýuridik fakt kadanyň gipotezasynda berilýär. Talabyň esasyny bir we birden köp ýuridik faktlar düzüp biler.

Prosesual edebiýatda talapyň mazmunyny onuň üçünji alamaty hökmünde görkezýänler hem bar. Ýöne bu taglymat ýeterlikli esaslandyrylan däldir. Mysal, talapyň mazmuny diýip talapkäriň kazyýetden ýerine ýetirilmegini talap edýän hereketlerine aýdýarlar. Hakykatda kazyýetiň hereketleri talapkäriň islegine däl-de talabyň kanunylygyna we esaslylygyna baglydyr.

**§3. Talapyň görnüşleri.**

Talap üç görnüşden durýar: borç dörediji, ykrar etdiriji we özgerdiji talaplar. Özgerdiji talaplar diňe nazaryýetde tapawutlandyrylýar. Tejribede diňe beýleki iki talap duş gelýär, olaryňam esasysy borç dörediji talaplardyr .

Borç dörediji talapda talapkär jogapkärden ilki bilen onuň jedelli hukugyny ykrar etmegini, şeýle hem belli bir hereketleri ýerine yetirmegini talap edýär. Mysal, jogapkär talapkäriň telewizora bolan hukugyny ykrar etmeli we ony yzyna gaýtaryp bermeli. Dogry, jogapkärden hereket etmezlik hem talap edilip biliner. Mysal, talapkär jogapkäriň howludan gapy açmaga päsgel bermezligini talap edýär.

Borç döredjiji talaplar meýletin ýerine ýetirilmedik halatynda ýerine ýetiriş tertipde mejbury hem ýerine ýetirlip bilner .

Hakykatda bu talap iki talapy özünde jemleýär: ykrar etdiriji we borç döredjiji talaplar ýöne, bu ýerde esasy talap hereket bilen bagly bolansoň bu talaplara borç döredjiji talaplar diýilýär.

Ykrar etdiriji talaplarda talapkär jogapkärden diňe belli bir jedelli gatnaşygyň barlygyny ýa-da ýoklugyny ykrar etmegini talap edýär. Bu ýerde hiç hili hereket ýok. Mysal, talapkär jogapkärden onuň hukugynyň özüniň bolsa borjunyň bardygyny ykrar etmegini talap edýär. Başga bir ýagdayda, talapkär kazyýetden özüniň jogapkäriň öňünde hiç hili borjunyň ýokdugyny tassyk etmegi talap edýär. Hereketiň ýoklugy sebäpli bu talaplar boýunça ýerine ýetiriş önümçüligi döremeýär. Položitel ykrar etdiriji talabyn mysaly „awtorlyk hukugyny ykrar etmek”. Otrisatel ykrar etdirji talapyň mysaly „nikanyň hakyky däldigini ykrar etmek”. Eger birinji talapda hukugyň bardygyny ykrar etmeli bolsa, ikinjide jogapkär talapkäriň borjunyň yokdygyny ykrar etmeli. Ykrar etdiriji talap borç döredjiji talapada öwürlip biler. Mysal, talapkär başda awtorlyk hukugyny ykrar etmegini soraýar, soň bolsa jogapkärden gonararyny hem talap edýär. Bu ýerde ykrar etdiriji talap boýunça çykarylan çözgüt preýüdisiýal fakt hökmünde ulanylyp hem biliner. Mysal, gonarar almak barada talap aýratyn goýlupdyr. Birinji çözgütdäki awtorlygy tassyk edýän fakt täzeden subut edilmäge degişli däldir.

Özgerdiji talap boýunça gatnaşyklar ýuridik fakt esasynda däl-de kazyýetiň çözgüdi esasynda döreyär,

ütgeýär we ýatyrylýar. Hakykat ýüzünde kazyýet bar ýa-da bolup geçen faktlary anyklaýar, ýöne olary özgerdip (doredip, üýtgedip, ýatyryp) bilmeýär. Esasy özgerdiji talap hökmünde nikany ýatyrmak işi görkezilýär. Alymlaryň aýtmagyna görä nika kazyýetiň çözgüdünden soň ýatyrylýar bu garaýyş ýalňyşdyr. Sebäbi kanun esasynda nika diňe nikany ýatyrmak barada ZAGS edaralarynda degişli ýazgy geçirlenden soň ýatyryldy diýip hasaplanýar. Şeýlelikde, özgerdiji talaplar tejribede borç dörediji ýa-da ykrar etdiriji talaplara degişli bolup durýarlar.

Talapa hukugyň bolmagy jedel boýunça oňyn çözgüdiň çykarylmagyny aňladýar. Talapa hukugyň bolmagy şol bir bada talapy bildirmäge (prosesual aspekt) we ony kanagatlandyrmaga (maddy hukuk aspekt) hukugyň barlygyny aňladýar. Maddy-hukuk we prosesul aspektleriň bilelikde ýüze çykmagy talapkäriň talapa hukugynyň bardygyny aňladýar. Aýdalyň, talakäriň talap bildirmäge hukugy bolup (prosesual aspekt), ýöne ony kanagatlandyrmaga hukugy bolmasa (talap bikanun ýa-da esassyz), onda talapkäriň talapa hukugy ýokdur .

## §4. Talapa hukugyň bolmagy.

Talap bildirmäge we kanagatlandyrmaga bolan hukuklar belli bir şertleriň bolmagynda ýüze çykýarlar. Talapy bildirmäge bolan hukugyň şertleri raýat işleri goralanda barlanýar .Olar ýedi sany:

1. talapkäriň we jogapkäriň hukuk ukyplarynyň bolmagy. Bilşimiz ýaly, adamlar doglan wagtlaryndan hukuk ukyplylyga eýe bolýarlar. Şonuň üçin bu şert talap arza bilen edara, gurama, kärhanalar ýüzlenende

barlanylýar, sebäbi olaryň hemmesi ýuridik şahs bolup durmaýarlar;
2. jedeliň kazyýet edaralarynyň garamagyna degişli bolmagy;
3. taraplaryň arasynda şol bir predmet we esaslar boýunça kanuny güýjüne giren çögüdiň ýa-da kesgitlemäniň bolmazlygy;
4. kazyýetde taraplaryň arasynda şol bir predmet we esaslar boýunça meňzeş
işiň bolmazlygy;
5. ýoldaşlyk kazyýetiniň ygtyýarlarynyň çäginde talaplaryň arasynda şol bir predmet we esaslar boýunça çözgüdüniň bolmazlygy;
6. taraplaryň arasynda işi bitaraplar kazyýetine geçirmek barada ylalaşygyň bolmazlygy;
7. käbir işler boýunça kazyýete çenli jedel çözmek tertibiniň berjaý edilmegi. Bu ýerde ulag we aragatnaşyk bölümleriniň işleri bilen bagly ýüze çykýan talaplar barada gürrüň gidýär.

Talapy kanagatlandyrmaga bolan hukuk maslahat otagynda anyklanýar. Talaby kanagatlandyrmak üçün gerekli şertler şulardan durýar. Talabyň faktik esasynyň bolmagy, ýagny jedel boýunça ýuridik faktlaryň dogry kesgitlenilmegi we olaryň subut bolmagy, ýagny maddy-hukuk we prosesual kadalaryň dogry ulanylmagy.

Käbir işler boýunça talap ediş möhletiniň we borçlary ýerine ýetiriş möhletiniň çäklerinde hereket etmek hökmandyr.

### §5. Jogapkäriň talapdan goranyş çäreleri.

Prosesual kanunçylyk jogapkäre bikanun we esassyz talapdan goranmak üçün ähli mümkinçilikleri

berýär. Olaryň esasylary jogapkäriň nägilelikleri we garşylyklaýyn talapdyr.

Jogapkäriň nägilelikleri iki görnüşde ýüze çykyp bilýär: prosesual we maddy-hukuk nägilelikleri. Prosesual nägilelikler kazyýet önümçiliginiň nädogry başlanandygyny ýa-da alnyp barlyşynyň nädogrudygyny subut etmäge gönükdirilen. Mysal, jedel kazyýet edaralarynyň garamagyna degişli däl. Prosessual nägileliklerin maksady iş boýunça önümçiligi ýatyrmak, togtatmak, arzany garaman galdyrmak, işi degişli kazyýete geçirmek we ş.m.

Maddy-hukuk nägilelikler bildirilen talapyň garşysyna gönükdirilen. Jogapkär talapy doly ret edýär. Nägilelikler talapyň esassyzlygyny ýa-da bikanun bildirilýänligini subut etmäge gönükdirilen.

Kanun jogapkäre käbir halatlarda garşylyklaýyn talap bildirmäge mümkinçilik berýär. Garşylyklaýyn talap esasy talap bilen bir önümçilikde garalýar.

Garşylyklaýyn talap umumy kadalar esasynda bildirilýär, ýagny arza Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 127,129,132-nji maddalaryna gabat gelmeli we döwlet pajy tölenen bolmaly. Garşylyklaýyn talapa mundan başga-da goşmaça talaplar bildirilýär.

Garşylyklaýyn talap kabul edilýär:

- eger ol ikinji talapy ýapmaga gönükdirilen bolsa;
- eger onuň kanagatlandyrylmagy bilen ilkinji talap dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyrylýan bolsa. Mysal,

aliment tölemek işinde jogapkär özüniň ata däldigi barada garşylyklaýyn talap bildirýär. Eger garşylyklaýyn talap kanagatlandyrylsa, onda ilkinji talap öz-ozünden aradan aýrylýar;

- eger bu talaplaryň arasynda arabaglanyşyk bolup, olaryň hem bile garalmagy işiň dogry we wagtynda çözülmegine getirýän bolsa.

Başky iki esas boýunça garşylyklaýyn talap kabul edilmäge hökman degişli. Üçüňji esas boýunça garşylyklaýyn talapy kabul etmeklik kazyýete bagly bolup durýar.

Garşylyklaýyn talap çözgüt çykýança kabul edilip bilner. Yöne bu mesele taýarlaýyş stadiýasynda çözülşe has-da maksada laýyk bolýar.

Iki talapyň bilelikde garalmagy prosesual tygşytlylyga getirýär:

- iki önümçiligiň ýerine bir kazyýet önümçiligi gurnalýar;
- kazyýetiň we taraplaryň wagty hem-de serişdeleri tygşytlanýar;
- biri-birine garşy gelýän çözgütleriň çykarylmagynyň öňi alynýar.

**§6. Talaplary birleşdirmek we aýryşdyrmak.**

Kanun talaplary obýektiw we subýektiw esaslar boýunça birleşdirmäge esas berýär. Obýektiw birleşme bolanda bir talap arzada birnäçe talap birikdirilýär. Mysal, nikany ýatyrmak, goş bölmek, aliment töletmek.

Talaplaryň subýektiw birleşmesi bolanda talapkäriň ýa-da jogapkäriň tarapynda birnäçe adam çykyş edýär. Talaplary birleşdirmek diňe bir talapkäriň başlangyjy boýunça bolman, kazyýet talapyndan hem bolup biler. Mysal, kazyýetiň önümçiliginde şol bir taraplaryň gatnaşmagynda birnäçe işiň bolmagy (obýektiw birleşme). Mundan-da başga, birnäçe talapkäriň bir jogapkäre ýa-da tersine, bir talapkäriň birnäçe jogapkäre talap bildirmegi mümkin.

Kazyýet talaplary birleşdirýär haçan-da bu birleşme işiň dogry we wagtynda garalmagyny üpjün edýän bolsa, bu kada kazyýetiň we gatnaşyjylaryň wagtyny hem-de serişdelerini tygşytlaýar. Biri-birine garşy gelýän çözgütleriň çykarylmagynyň hem öňüni alýar.

Käbir halatda talaplary aýryşdyrmaly hem bolýar. Mysal, ýönekeý işleri çylşyrymly işlerden aýyrmak. Talaplary aýryşdyrmak diňe kazyýetiň inisiatiwasy boýunça mümkin. Kazyýet obýektiw, şonuň ýalam subýektiw esaslar boýunça birleşdirilen talaplary aýryşdyryp bilýär, eger bu çäräniň özi maksada laýyk diýen netijä gelse (talaplaryň arasynda arabaglanyşyk ýok, gatnaşyjylaryň sany köp we ş.m.)

Talapa eýelik etmek 100-nji madda laýyklykda amala aşyrylýar. Bu barada öňem kän aýdyldy, geljekde hem üns merkezinde bolar.

Talapkär talapyň esasyny, predmetini we möçberini üýtgedip bilýär, ondan ýüz döndermägede haky bar. Jogapkär talapy ykrar edip bilýär. Olaryn ikisi bilelikde ylalaşyga gelip bilýärler.

Talapyň esasyny üýtgetmek şular ýaly ýagdaýlarda ýüze çykyp biler:

- talapyň esasynda görkezilen ýagdaýlar başga ýagdaylar bilen çalşyrylýar;
- goşmaça ýagdaýlara salgylanylýar;
- öňki görkezilen ýagdaýlaryň käbiri aýrylýar.

Talapyň predmetini üýtgetmeklik şu görnüşlerde ýüze çykyp biler:

- çaganyň ene atasyny ene-atalyk hukuklaryndan mahrum etmezden olaryň ellerinden çagasyny almak;
- işe dikeltmek baradaky talapy işden çykarmagyň esasyny üýtgetmek talapy bilen çalşyrmak.

Eger talapyň möçberi azaldylsa-köpeldilse ýa-da zadyň ýerine onuň bahasy alynsa, talapyň predmeti üýtgedildi diýip hasap edilmeýär. Talapyň predmetini we esasyny birbada üytgedip bolmaýar. Şeýdilende düýbünden täze talap emele gelýär .

Talapkär talapdan dolulygyna ýa-da bölekleýin ýüz döndürip biler. Talapy ykrar etmek önümçiligiň ýatyrylmagyna däl-de, oňyn çözgüdiň çykarylmagyna esas bolup bilýär.

Taraplaryň ylalaşyga gelmegi talapkäriň talapdan belli bir derejede ýüz döndermegini, onam jogapkäriň ykrar etmegini aňladýar. Şeýlelikde, jedelli gatnaşyk öz çözgüdini tapýar.

Talapdan ýüz döndermek, ony ykrar etmek, ylalaşyga gelmek kazyýet tarapynydan tassyklanýar, eger bu hereketler kanuna we talaplaryň bähbitlerine ters gelmese.

Bu hereketleriň üçüsem kazyýet mejlisiniň protokolyna geçirilýär hem-de ol hereketler degişli tarapyň (taraplaryň) goluny almak bilen tassyklanýar.

Eger-de, bu hereketler ýazmaça görnüşde bildirilen bolsa, onda olar işe çatylýar.

Kazyýet talapdan ýüz döndermäni kabul etmezden we taraplaryň ylalaşygyny tassyk etmezden öň olara ikinji sapar şu mesele bilen kazyýete ýüzlenip bolmaýanlygyny düşündirmeli. Kazyýet talapdan ýüz döndermäni kabul eden we talaplaryň ylalaşygyny tassyklan ýagdaýynda kesgitleme çykarýar, onuň bilen kazyýet önümçiligini de ýatyrýar.

Kazyýet öz başlangyjy ýa-da işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça talapy üpjün etmek çärelerine ulanyp bilyär. Talapy üpjün etmek çäresi ulanylýar haçanda çözgüdi ýerine ýetirmek kyn bolar ýa-da asla mümkin bolmaz diýlen netijä gelnende. Bu çäre diňe talap önümçiliginde ulanylýar.

**§7. Talapy üpjün etmek.**

Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinde üpjün ediş çäreleriniň sanawy berlen:

1. jogapkäre degişli onuň özünde ýa-da başga birinde duran zadyny, puluny tussag etmek. Bu çäre tejribede giňden uianylýar. Kazyýetiň çözgüdi kanuny güýje girýänçä emlägi (puly) gozgamak bolmaýar;

2. jogapkäre belli bir hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek. Mysal, jogapkäre jedelli ulagy satmagy gadagan etmek;
3. başga adamlara jogapkäre zadyny, puluny yzyna bermegi ýa-da onuň peýdasyna belli bir hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek;
4. emlägi tussagdan boşatmak barada arza berilen halatda emlägi satmagy togtatmak;

5. bergidaryň arzasy boýunça ýerine ýetiriş resminamasy esasynda berilýän temmini togtatmak, eger bu resminama şikaýat bildirmek bolýan bolsa;

Bu hökmany hereketler ýerine ýetirilmedik halatynda degişli adamlar jogapkärçilige çekilýär. Talapyň bahasynyň çäginde birnäçe üpjün ediş çäreleri ulanylyp biliner. Gerek halatda olar çalşyrlypda biliner. Mysal, tussag edilen emläk öz gymmatyny ýitiripdir. Dogry, hemme çäreleri biri-biri bilen çalşyryp bolanok. Üpjün ediş çäreleri taraplaryň gatnaşmagynda kazyýet mejlisinde çözülýär.

Talapy üpjün etmek baradaky arza bildirilen güni jogapkäri we beýleki işe gatnaşýan taraplary habarly etmezden çözülýär. Talapkär bu haýyşy talap arzada hem görkezip bilýär.

Talapy üpjün etmek barada kazyýetiň kesgitlemesi gaýra goýulmasyz ýerine ýetirilmeli. Talapy üpjün ediş çäreleri kazyýet tarapyndan öz başlangyjy ýa-da taraplaryň haýyşy boýunça ýatyrlyp biliner. Mesele kazyýetiň mejlisinde işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmagynda çözülýär. Eger talapy kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilse, onda üpjün ediş çäreleri öz güýjüni kazyýetiň çözgüdi kanuny güýjüne girýänçä saklaýarlar. Dogry, kazyýet bu çäreleri çözgütde ýa-da ondan soň çykarylan kesgitlemesi bilenem ýatyryp bilýär. Talapy üpjün etmek bilen bagly çykarylan kazyýetiň kesgitlemelerine şikaýat (protest)bildirip bolýar. Yöne munuň özi bu kesgitlemeleriň ýerine ýetirilmegini iki ýagdaýdan başga halatda togtatmaýar. Iki ýagdaý diýenimize talapy üpjün etmegi ýatyrmak we üpjün ediş çäräni başga bir çäre bilen çalşýrmak girýär

## Kazyýetde raýat işini gozgamak

**§1. Talapy bildirmegiň tertibi. Bu tertip bozulanda ýüze çykýan ýagdaýlar.**

“Bu gün ýurdumyz öz ösüşiniň täze tapgyryna – beýik Galkynyş eýýamyna gadam basdy. Galkynyş eýýamy bize öz ykdysady kuwwatymyzy, ilatyň sosial goraglylygyny mundan beýläk-de berkitmek, bilimi, ylmy we medeniýeti dünýä derejesine ýetirmek üçin Garaşsyzlyk ýyllarynda ähli oňyn gazananlarymyzy netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Häzirkizaman demokratik jemgyýetini kemala getirmek üçin bizde amatly şertler bar. Bu jemgyýetiň esasy gymmatlygy adamdyr we onuň baş maksady adamyň abadançylygyny hem-de bagtyýarlygyny üpjün etmekdir, baş ýörelgeleri bolsa ynsanperwerlik, adalatlylyk we ruhubelentlikdir.”[9]

Geçen temada «talaba» giňden düşünje berildi. Şu günki temany geçen temanyň dowamy hökmünde garamaly. Raýat kazyýet önümçiligi üç görnüşden durýar, olaryň her haýsy belli bir tertipde gozgalýar:

Talap önümçiligi-talap arza bilen;

Aýratyn önümçilik arza bilen;

Dolandyryş gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler-şikaýat bilen.

Talap önümçiligini kadalaşdyrýan kadalar umumy kadalar bolansoň; raýat işini gozgamak temasy hem şu önümçilik bilen bagly öwreniler.

Geçen temada talapy bildirmek hukugynyň ýedi şerti barada durup geçdik. Şu şertler berjay edilen

[9]Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji t.- Aşgabat, 2008, 144 s.

ýagdaýynda talapkäriň kazyýete ýüzlenmäge hukugy döreýär, ýöne kazyýete ýüzlenmek üçin ýene-de käbir şertleri ýerine ýetirmeli. Olar şulardyr:

1. talap arzany degişli kazyýete bildirmeli. Ýogsam kazyýet arzany kabul etmeýär. Eger arza ýalňyşlyk bilen kabul edilen bolsa, onda ol degişli kazyýete geçirilmeli. Kazyýet işe garamaga başlan bolsa, onda ony öz önümçiliginde hem goýup bilýär.

Iş gozgalanda bu kada dogry berjaý edilen bolsa, ýöne soň taraplaryň ýaşaýan ýeri üýtgände bolsa, muňa garamazdan iş şol kazyýetde garalýar.

2. talap arza bilen ýüz tutýanyň kämillik ukyby bolmaly. Eger ýalňyşlyk bilen arza kabul edilse, onda ol hökman kanuny wekiller tarapyndan tassyklanylmaly, ýogsam arza garalman galdyrylýar.

Eger talapkär kämillik ukybyny iş gozgalandan soň ýitiren bolsa, onda proses kanuny wekiller girýänçä togtadylýar.

Jogapkäriň kämillik ukybynyň bolmagy hökman däl, sebäbi onuň adyndan kanuny wekiller çykyş edýärler.

3. talap arza kazyýet wekili tarapyndan bildirilende onuň degişli ygtyýarlyklary bolmaly. Ýalňyşlyk bilen arza kabul edilen halatynda arza garalman galdyrylýar. Munuň özi kazyýete ikinji sapar ýüzlenmek hukugyny aradan aýyrmaýar diýmekdir. Bu kada kämillik ukybynyň ýoklugy sebäpli hem arza garalman galdyrylanda ulanylýar.

4. talap arza bildirilende döwlet pajy tölenmelidir. Käbir arzalar paj tölemekden boşadylandyr (aliment töletmek, zähmet jedelleri we ş.m.).

5. talap arza mazmuny we formasy boýunça kanunyň talaplaryna gabat gelmelidir ( 127,129-njy maddalar).

Ýokarda belleşimiz ýaly başdaky üç şert ýerine ýetirilmedik halatynda talap arza kabul edilmeýär. Kazyýetiň kesgitlemesinde ol kemçilikleri düzetmegiň ýollary gorkezilýär. Talapkär kemçilikleri düzeden halatynda ikinji sapar kazyýete ýüzlenip bilýär.

Kemçilikler 4 we 5-nji şertler bilen bagly bolanda, talap arza hereketsiz galdyrylýar, ýagny kazyýet tarapyndan ýetmezçilikleri düzetmek üçin talapkäre wagt berilýär. Eger talapkär berlen möhletde kemçilikleri düzedip ýetişse, onda talap arza başda bildirilen gününden kabul edildi diýip hasap edilýär. Haçan-da kemçilikler düzedilmese, onda arza ýanyna goşulan resminamalar bilen bile yzyna gaýtarylyp berilýär we arza kabul edilmedi diýip hasaplanýar.

Eger 4 we 5-nji şertler göz öňünde tutulman arza kabul edilen bolsa, onda kemçilikler arzany hereketsiz galdyrylman düzedilmäge degişli. Kemçilikler esasan taýarlaýyş stadiýasynda düzedilýär.

## §2. Talap arza we onuň düzümi. Talap arzadaky ýalňyşlyklary düzetmegiň tertibi.

Talap arzanyň düzüminde bolmaly maglumatlar 127-nji maddada berlendir. Talap arza ýazmaça görnüşde bolmaly we soraglara jogaplar şu yzygiderlikde berilmeli:

1. kazyýetiň doly we dogry ady görkezilmeli.
2. talapkäriň ady,ýaşaýan (ýerleşýän) ýeri. Eger arza bilen kazyýet wekili ýüzlenýän bolsa, onda onuň ady we ýaşaýan ýeri.
3. jogapkäriň ady, ýaşaýan (ýerleşýän) ýeri.

Bu üç punktdaky maglumatlar:

a) işde bähbidi bar adamlary anyklamak üçin;

b) degişli kazyýete ýüzlenilenligini anyklamak üçin;

ç) kazyýet bilen gatnaşyjylaryň arasynda hat gatnaşygyny üpjün etmek üçin gerekdir (çözgüt, ýerine ýetiriş kararlary, kazyýetiň çagyryşy we ş.m.)

4. talapkäriň talapyny esaslandyrýan ýagdaylar we olary tassyk edýän subutnamalar görkezilmeli («talap» temasynda talapyň esasy diýen soraga seret). Talapkär diňe işiň ýagdaýlaryny suratlandyrmak bilen çäklenmän, olary subut etmelidir. Mysal, nikany ýatyrmak barada arzada: biz plança wagt bäri nikada durys (nika şahadatnamasy); biziň bir çagamyz bar (dogluş hakynda şahadatnama) we ş.m.
5. talapkäriň jogapkäre bildirýän talapy («talap» temasynda talapyň predmeti diýen soraga seret). Talapyň hukuk esasyny, ýagny jedelli gatnaşygy kadalaşdyrýan kadany görkezmäge talapkär borçly däl.
6. talapyň bahasyny görkezmeli. Talapyň bahasy talap edilýän puluň möçberi ýa-da alynjak bolýan zadyň bahasy bilen kesgitlenýär. Talapyň bahasy arza bilen ýüzlenilende alynmaly pajyň möçberini kesgitlemek üçin gerek.
7. talap arzanyň ýanyna goşulýan resminamalaryň sanawy. Adaty işleýän ýa-

da okaýan ýerinden berlen kepilnamalar, ZAGS edaralarynyň şahadatnamalary we ş.m. Talap arzanyň 4-nji punktynda görkezilen subutnamalaryň ählisiniň sanawy şu ýerde bolmaly.

### §3. Talap arzany kabul etmek. Talap arzany kabul etmezligiň esaslary.

Talap arza talapkär ya-da kazyýet wekili gol çekýär. Wekil arzanyň ýanyna öz ynanç hatyny goşmalydyr (kazyýet wekilçiligi diýen tema seret).

129-njy madda laýyklykda talapkär arzanyň nusgalaryny jogapkärleriň sanyna görä bildirýär. Işiň çylşyrymlylygyny we käbir aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, kazyýet talapkärden talap arza goşulýan resminamalary hem jogapkärleriň sanyna görä bildirmegi sorap bilýär.

Bilelikde talap arza düzeliň. Siz bolsaňyz öz taýarlaýan işleriňiz bilen bagly arzalaryň nusgalaryny düzüň.

Prokuroryň talap arzasyna goşmaça talaplar bildirilýär. Olar barada «Prokuroryň raýat prosesine gatnaşmagy» diýen temanyň materiýallaryny hem öwrenmeli. Ilki bilen prokuror bähbidi bar şahsyýeti görkezmeli, sebäbi ol işde talapkär höküminde çykyş etmeli. Ikinjiden bolsa, prokuror talapyň hukuk esasyny, ýagny jedelli gatnaşygy kadalaşdyrýan kadany görkezmeli. Umuman, bu talapy goşmaça adwokatlara, şeýle hem ýuriskonsullara bildirse bolar. Her bir ýüze çykan ýagdaýda talap arzany hereketsiz galdyrmagyň manysy ýok. Köp kemçilikleri ýerinde düzedip bolýar. Mysal, arza gol çekilmändir, talapkäriň

ýaşaýan ýeri görkezilmändir we ş.m. Talapkäriň hemme ýetmeýän zatlary çalt düzetmäge mümkinçiligi ýa-da islegi bolman biler. Aýdalyň, talap arza poçtanyň üsti bilen kazyýete gowşupdyr. Başga bir ýagdaýda uly möçberde döwlet pajyny tölemeli.

Arzany hereketsiz galdyrmak barada kesgitleme çykaralyň.

Kazy talap arzany ýekelikde kabul edýär. Talap arzany kabul etmek barada kazy kesgitleme çykarýar. Umuman, arza kabul edilenden tä iş garalmaga başlanýança üç sany hökmany kesgitleme çykarylmaly:

a) arzany kabul etmek barada;
b) kazyýet seljerişine taýarlamak barada;
ç) kazyýet seljerişine bellemek barada.

Kazyýet tejribesinden görnüşi ýaly, köplenç kazylar diňe 3-nji kesgitlemäni çykaryp çäklenýärler. Ýokary kazyýetiň degişli kararlarynda başdaky iki kesgitlemäni bilelikde çykarmaga rugsat berilýär. Soňra zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda taýarlamak baradaky kesgitleme goşmaça hem çykarylyp bilner. Şol kararlarda talap arzany kabul etmeklik ýa-da etmezlik «rezolýusiýa» formasynda bolmaly däl diýip aýdylýar.

Arzany kabul etmezligiň esaslary 131-nji maddada gutarnykly sanawda berilýär. Olar şulardyr:

1. arza kazyýetiň garamagyna degişli däl;
2. kazyýete çenli meseläni çözmek baradaky kada berjaý edilmändir;

3. meňzeş jedel boýunça kazyýetiň çözgüdi ýa-da kesgitlemesi bar;
4. şol kazyýetiň ýa-da başga bir kazyýetiň önümçiliginde meňzeş iş bar;
5. şol jedel boýunça ýoldaşlyk kazyýetiniň öz ygtyýarlarynyň çäginde çözgüdi bar;
6. taraplaryň arasynda jedeli bitaraplar kazyýetine geçirmek barada ylalaşyk bar;
7. iş başga kazyýetiň garamagyna degişli;
8. arza bereniň kämillik ukyby ýok;
9. kazyýet wekiliniň degişli ygtyýarlyklary ýok.

Şu punktlarda berkidilen esaslar öňki temalarda öwrenilipdi. Başga esaslar boýunça kazyýet arzany almazlyga haky ýokdur. Mysal, subutnamalar ýeterliksiz diýip ýa-da talap ediş möhletiniň geçenligine esaslanyp.

Kazy arzany kabul etmedik ýagdaýynda kesgitleme çykarýar. 131-nji maddanyň 2,7,8,9-njy punktlary boýunça arza kabul edilmedik ýagdaýynda ikinji gezek kazyýete ýüzlenip bolýar, haçan-da kemçilikler düzedilen bolsa.

Eger-de jedel kazyýetiň garamagyna degişli däl bolsa, onda kazyýet bu mesele barada haýsy edara ýüzlenip bolýandygyny görkezmeli.

Kazyýetiň arzany kabul etmezlik baradaky kesgitlemesine şikaýat (protest) bildirip bolýar.

### §4. Talap arzany kabul etmek bilen bagly ýüze çykýan hukuk ýagdaýlary.

Talap arzanyň bildirilmegi bilen birnäçe prosessual we maddy- hukuk ýagdaýlary döreýär.

Prosessual ýagdaýlar:

a) anyk jedel boýunça kazyýet önümçiligi döreýär;

b) kazyýetiň we işe gatnaşyjylaryň arasynda hukuklar we borçlar döreýär. Kazyýet jedele garamaly we çözgüt çykarmaly. Işe gatnaşýan taraplarda 96,100-nji maddalarda görkezilen hukuklar we borçlar döreýär;

ç) käbir hukuklar iş gozgalmasada ýüze çykýar. Mysal, arzany

kabul etmezlik baradaky kesgitlemä şikaýat bildirmek;

d) eger talap alternatiw esas boýunça kazyýete bildirilen bolsa, onda talapkär başga kazyýete ýüzlenip bilmeýär.

Maddy-hukuk ýagdaýlar:

a) talap ediş möhletiniň dowam etmeginiň arasy bölünýär;

b) aliment çözgüdiň çykan gününden däl-de talap arzanyň bildirilen gününden tölenilmeli edilýär;

ç) zadyň eýesi onuň zadyna ýalňyşlyk bilen eýe bolan adamdan oňa kazyýetiň çagyryşy gowşurylandan soň alan ýa-da almaly girdejilerini talap edip bilýär.

# Raýat işini kazyýet seljerşine taýarlamak

## §1. Raýat işini kazyýet seljerşine taýarlamaga düşünje we onuň ähmiýeti.

“Jemgyýetiň progresinde we halkyň gülläp ösmeginde ylmyň möhüm orny eýeleýändigi biziň hemmämiz üçin subut edilmegi zerur bolmadyk aksiomadyr. Islendik ýurduň, islendik döwletiň netijeli ösüşiniň esasynda, gürrüňsiz, milletiň intellektual ösüşe ukyplydygy ýatýar. Ol ýa-da beýleki bir yurt jemgyýetiň abadançylygynyň ýokary derejesine ýetende, onda, şübhesiz, ylmy we döredijilik intelligensiýasynyň, şeýle hem uly bilim we ylmy merkezleriň hyzmaty bardyr.

Bu hakykata akyl ýetirmek bilen, Türkmenistanda, ilkinji nobatda, ylym we bilim ulgamlaryny öz içine alýan giň möçberli reformalary amala aşyrýarys. Bilim bermegiň ýokary standartlaryny ornaşdyrmak, düýpli we amaly ylmy barlaglary goldamak we höweslendirmek, ähli bilim we ylym edaralaryny kompýuterleşdirmek, Interneti ösdürmek, ylym we bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek bu ugurdaky döwlet syýasatynyň esasy bolup hyzmat edýär[10]”

Bilşimiz ýaly jenaýat prosesinde subutnamalar derňew geçirýän adamlar we sülçüler tarapyndan toplanýar, kazyýet bolsa olary derňeýär we baha berýär. Raýat prosesinde subutnamalary toplamak kazyýetiň üstüne ýüklenen. Munuň üçin prosesde

[10] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji t.- Aşgabat, 2008, 195-196 s.

ýörite taýarlaýyş stadiýasy göz öňünde tutulan. Taýarlaýyş hereketleri kanun esasynda ähli çylşyrymly we kän bir taýýarlyk işlerini talap etmeýän jedeller boýunça hem geçirilýär. Kazyýet tejribesinden çen tutsaň taýarlyk işleri köp jedeller boýunça geçirilmeýär ýa-da degişli derejede gurnalmaýar. Pes derejede geçirilen taýýarlyk işleri:

a) işiň başga bir güne bellenilmegine, şol sebäpli hem işe garamak möhletiniň bozulmagyna getirýär;

b) iş boýunça onümçiligiň ýatyrylmagyna, togtadylmagyna, arzanyň garalman galdyrylmagyna getirýär;

ç) çözgüdiň kassasion ýa-da gözegçilik tertipde ýatyrylmagyna getirýär;

d) gatnaşyjylaryň wagtlarynyň tygşytsyz ulanylmagyna getirýär we ş.m.

Kada laýyklykda taýarlanan iş birinji kazyýet mejlisinde işiň doly we dogry garalmagyny üpjün edýär.

Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiniň 87-nji maddasynda taýarlaýyş möhleti 7-güne çenli diýip kesgitlenen. Çylşyrymly işler boýunça kazynyn esaslandyrylan kesgitlemesi bilen bu möhlet 20-güne çenli uzaldylyp bilner. Käbir işler hökman 7-güne çenli taýarlanylmaly:

- aliment töletmek isi;
- zähmet gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller;
- saglyga ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak we ekleýjisini ýitirenligi sebäpli ýüze çykýan işler.

Taýarlyk işleri raýat işi gozgalandan soň başlanýar we esasan dört ugurda alnyp barylýar :

- kazyýet mejlisinde subut edilmeli faktlar anyklanýar. Munuň üçin jedelli kadalaşdyrýan kada kesgitlenilmeli we şonuň gipotezasyndaky ýagdaýlardan ugur alynmaly;
- anyklanylmaly faktlary tassyk edip biljek subutnamalar kesgitlenýär we olary toplamaklyk bilen bagly iş geçirilýär;
- işde bähbidi bar şahslar anyklanýar;
- olar kazyýet mejlisi barada habarly edilýär. Käbir gatnaşyjylar bolsa kazyýet prosesine çagyrylýar.

Şu hereketleriň hemmesi işiň wagtynda we dogry çözülmegine gönükdirilendir. Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksiiniň 143-nji madassynda taýarlaýyş işleriniň sanawy berlen, ýöne bulardanda başga taýarlaýyş hereketleri bolup biler (arzalary birleşdirmek we aýryşdyrmak, subutnamalary ýa-da talapy üpjün etmek, talapyň bahasyny kesgitlemek we ş. m.)

## §2. Taýarlaýyş tertipde amala aşyrylýan hereketler.

Häzir bolsa anyk taýarlaýyş hereketlerniň üstünde durup geçeliň.

1. talapkär bilen onuň talapynyň düýp mazmuny barada gürrüňdeşlik gurnap kazy şulary anyklaýar:
a) talapyň esasyny we predmetini;
b) jogapkäriň talapa garaýşyny;
ç) gerek halatda goşmaça subutnamalar soraýar;
d) onuň hukuklaryny we borçlaryny düşündürýär.

Gürrüňdeşligiň esasy maksady talapkärden jogapkäriň pozisiýasyny anyklamak we ondan goşmaça subutnamalary talap etmek. Talapkäre

96-njy we 100-nji maddalarda berkidilen umumy we ýörite hukuklar düşündirilýär.

2. gerekli halatda jogapkär çagyrylýar we ondan şular anyklanýar:

a) eger talapy goldamasa, onuň sebäpleri we bu ýagdaýlary subut edýän subutnamalar soralýar;

b) çylşyrymly işler boýunça ondan ýazmaça düşündüriş talap edýär;

ç) 96-njy we 100-nji maddalardaky hukuklary we borçlary düşündirilýär.

Jogapkäri çagyrmak üçin “gerek halat’’ diýip düşünilýär:

a) talap arzadan ýa-da talapkäriň düşündirişlerinden onuň düýpli nägilelikleriniň bardygy kesgitlenilse;
b) onuň elinde esasy subutnamalar jemlenen;

ç) iş çylşyrymly, şol sebäpli kazy jogapkäriň garaýşyny anyklamak isleýär we ş.m.

Şu ýagdaýlarda jogapkär çagyrylmasa, onda geljekde kazyýet önümçiliginiň gidişinde kynçylyklar ýüze çykýar.

3. üçünji taraplary işe göýberýär ýa-da işe çekýär

4. taraplara jedellerini çözmek üçin bitaraplar kazyýetine we ýoldaşlyk kazyýetlerine ýüzlenmek hukuklary düşündirilýär. Bu çäreleri geçirmek üçin taraplaryň razylygy gerek. Bu ýagdaýlarda kazyýet iş boýunça önümçiligi ýatyrýar we talaplara gaýtadan kazyýete ýüz tutup bolmaýanlygyny düşündirýär.

5. işe prokuroruň gatnaşmagy we ýerli ýerine ýetiriş edaralaryny işe çekmek baradaky meseläni çözýär. Prokuror kanunda görkezilen halatlarda we

kazyýetiň ony işe çekmek barada kesgitlemesi bolan ýagdaýlarda hökman işe gatnaşmaly. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýetiň wekilleri kanunda görkezilen ýagdaýlarda hökman işe çekilýärler.

6. jemgyýetçilik guramalarynyň wekillerini işe göýbermek meselesine seredýär. Kazyýet tejribesinden görnüşi ýaly, jemgyýetçilik edaralary prosese gatnaşmaýarlar. Şonuň üçin bu meselä garamaklyk maksada laýyk däl. Türkmenistanyň Raýat prosesual kodeksinden bu kadanyň ýakyn wagtda aýrylmagyna garaşylýar.

7. işde başga-da bähbidi bar şahslar anyklanýar we olara işe girmäge mümkinçilik döredilýär. Bähbidi bar şahslar diýip tarapdarlara we degişli taraplara düşünilýär. Olaryň ikisi barada hem geçen temalarda giňişleýin maglumat berildi .

8. şaýatlary mejlise çagyrmak baradaky meseläni çözýär. Eger olar 43 –nji maddanyň 3-nji punktyndaky esaslar boýunça mejlise gelip bilmeseler, onda olary ýerinde (öýünde, keselhanada ) sorag etmek baradaky meseläni çözýär. Soragyň özi diňe kollegial kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar, özünem taraplaryň gatnaşmagynda.

9. şahslardan maddy we ýazmaça subutnamalary talap edip almak baradaky meseläni çözýär. Razyçylygy bolan halatda subutnamalary almak baradaky kazyýetiň talapy işe gatnaşýan taraplaryň ellerine berilýär.

10. işe gatnaşýan taraplaryň pikirini bilip ekspertiza bellemek baradaky meseläni çözýär. Ekspertiza hakynda giňişleýin düşünje “subutnama’’ temasynda berlen. Taýarlaýyş tertibinde diňe goşmaça

ekspertiza belläp bolýar. Işe gatnaşýan taraplaryň pikiri iki meselede göz öňünde tutulýar:
a) kimi ekspert edip bellemeli;
b) onuň özüňde nähili soraglary goýmaly .
Goşmaça ekspertiza iki halatda bellenilýär :
a) ekspert käbir soraglara jogap bermändir;
b) onuň jogaplary düşnüksiz. Mysal, medisinanyň adalgalary ulanylyp netijenama ýazylypdyr.
11. gaýra goýulmasyz halatlarda işe gatnaşýan taraplary habarly etmek bilen iş bilen bagly ýagdaýlarda ýerinde baryp gözden geçirýär.

Gaýra goýulmasyz ýagdaýlar–tiz zaýalanýan önüm, zadyň häsiyetleriniň üýtgemegi we ş. m. Bu çäre 181-nji madda esasynda amala aşyrylýar; işe gatnaşýan taraplar habarly edilýär, gerek halatda ekspert hem şaýatlar çagyrylýar; protokol düzülýär, shema, plan çyzylýar, surat alynýar.
12. gerek halatda başga kazyýetlere tabşyryklar berilýär (taraplaryň we üçünji taraplaryň düşündürişlerini almak, şaýatlary sorag etmek, maddy we ýazmaça subutnamalary gözden geçirmek, ekspertiza bellemek ). Tabşyryk kazyýete gelip gowşan gününden 10 günüň içinde ýerine ýetirilýär. Tabşyryk umumy kadalar boýunça ýerine ýetirilýär. Kazyýet mejlisiniň protokoly ýanyna goşulýan resminamalary bilen degişli kazyýete iberilýär.

Kazy iş ýeterlik derejede taýyn diýip hasap etse, onda ony kazyýet mejlisinde garamaga belleýär. Kesgitlemede esasy görkezilmeli maglumat: a) kazyýet mejlisiniň geşjek güni we wagty;

b) işe çagyryljak adamlar ;
ç) kazyýet mejlisiniň geçiriljek ýeri.

Kazyýet prosesine gatnaşyjylaryň bir topary mejlise çagyrylýar, beýlekileri-habarly edilýär .
Prosesiň boljak güni barada işe gatnaşýan taraplar we olaryň wekilleri habarly edilýär. Şaýat, ekspert we terjimeçi mejlise çagyrylýarlar. Çagarylýanlaryň mejlise gatnaşmaklary hökman bolup durýar. Habarly edilýänleriň prosese gatnaşmaklary olaryň isleglerine baglydyr. Gatnaşmakdan ýüz dönderen halatlarynda işe gatnaşýan taraplar kazyýete ýazmaça ýüzlenmelidirler. Dogry, käbir kadadan çykmalar bar:
-161-nji madda laýyklykda aliment töletmek işleri boýunça kazyýet jogapkäriň gatnaşmagy hökman diýip tapyp bilýär. Jogapkäriň mejlise gelmedik halatynda ol mejbury kazyýete getirilýär :

-prokuroryň we döwlet edaralarynyň mejlise hökmany gatnaşmaly halatlary (107, 108-nji maddalar).

Şaýadyň prosese gelmedik ýagdaýynda onuň garşysyna dolandyryş temmileri we kazyýete mejbury getiriş çäreleri ulanylyp bilner. Ekspert we terjimeçi şular ýaly halatda jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.

Kazyýetiň çagyryş haty işe gatnaşýan taraplaň görkezen salgysy boýunça iberilýär. Eger çagyrylmaly ýa-da habarly edilmeli adam şol salgyda ýaşamaýan bolsa, onda çagyryş hat onuň ýaşaýan ýeri boýunça iberilýär. Gerek halatda olar telegramma bilenem çagyrylyp biliner.

Kazyýetiň çagyryş haty 3 ýol bilen gerekli adama iberilýär;

a) poçtanyň üsti bilen ;

b) hat gatnadýanyň kömegi bilen ;

ç) işe gatnaşýan taraplaryň kömegi bilen ;

Köplenç ýagdaýlarda çagyryş hatlary poçtanyň üsti bilen ýetirilýär. Degişli adama çagyryş haty gyssag gowşurylmaly bolsa, onda hat gatnadýanyň kömeginden peýdalanýarlar. Işe gatnaşýan taraplaryň razylygy bilen hem çagyryş haty gowşurlyp bilner. Mysal, talapkär çagyryş hatyny öz şaýatlaryna gowşuryp biler.

Çagyryş haty fiziki şahslaryň özüne, hukuk şahslaryň bolsa ýoldaşlaryna gowşurylýar. Çagyrylýan ýa-da habarly edilmeli adamyň özi bolmadyk halatda, çagyryş haty onuň kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalaryna, olar hem bolmadyk halatynda, onuň ýaşaýan ýerindäki jaý edarasyna ýa-da işleýän ýeriniň administrasiýasyna gowşurylýar. Çagyryş haty alanlar özleriniň garyndaşlyk derejesini ýa-da wezipelerini görkezmeli.

Haçanda çagyryş hatyny almaly adam ony almakdan ýüz dönderse, onda bu ýagdaý tassyklanylmaly (ýaşaýan, işleýän ýeri boýunça ýa-da iki şaýadyň goly bilen).

Işe gatnaşýan taraplar we olaryň wekilleri ýaşaýan salgylarynyň üýtgän halatynda kazyýeti habarly etmeli, ýogsam dolandyryş jogapkärçiligi ýüze çykýar.

## EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhamedow "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". Aşgabat, 2007 ýyl.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow "Döwlet adam üçindir". Aşgabat, 2008 ýyl.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary", Aşgabat, 2007 ýyl.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow "Eserler ýygyndysy". Aşgabat, 2007 ýyl.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow "Täze Galkynyş eýýamy". Aşgabat, 2007 ýyl.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdydyr, Aşgabat, 2007 ýyl.
7. "Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow gysgaça terjimehaly" . Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy Aşgabat, 2007 ýyl.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda durmuş ykdysady özgertmeleriň 2030-njy ýyla çenli Baş ugry milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Ýurdy täzeden

galkyndyrmak baradaky syýasaty”. Aşgabat, 2007 ýyl.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşary  syýasaty, wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow.Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler.I-II tom.Aşgabat,2008-2009ý.ý.
12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, ”Türkmenistanyň Beýik Galkynyş Eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda”. Aşgabat, 2008 ýyl.
„Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy“. Aşgabat,  2007 ýyl.
13. „Halkyň ynam bildireni“. Aşgabat, 2007 ýyl.
14. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 1992 ýyl, 2008 ýyl.
15. “Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyỳarlylygy hakynda” Jarnama.  22.08.1990 ỳyl.
16. “Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda”      Türkmenistanyň konstitusion kanuny. 27.10.1991 ỳyl.
17. „Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda“ Türkmenistanyň  konstitusion kanuny. 27.12.1995ỳ.
18. Türkmenistanyň Ỳaşaỳyş jaỳ kodeksi.28.06.1983ỳ. 2009-njy ỳyla çenli  üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
19. Türkmenistanyň Raỳat kodeksi. 17.07.1998 ỳ. 2009-njy ỳyla çenli üỳtgetmeler-goşmaçalar bilen.
20. Türkmenistanyň Araçy prosesual kodeksi.- 1998ý

21. Türkmenistanyň Jenaỳat iş ỳörediş kodeksi. 18.04.2009 ỳ.
22. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. Aşgabat. 18.04.2009ỳ.
23. “Eỳeçilik hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 01.10.1993 ỳ.
24. “Bilim hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 15.08.2009 ỳ.
25. “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 15.08.2009ý.
“Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. 15.08.2009 ỳ.
26. Halkara konwensiýalarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2001 ýyl.
27. Гражданский процесс. Учебник. Отв. ред. В. В. Ярков. Москва, 2000 г.
Комментарии к Гражданскому кодексу. Отв. ред. О. Н. Садиков. Москва, 2002 г.
28. Гражданское процессуальное право. Отв. ред. М. С. Сакарян. Москва, 2002 г.
29. Гражданское судопроизводство, особенности рассмотрения отдельных категории дел. Отв. ред. В. В. Ярков. Москва, 2001 г.
30. Судебное разбирательство гражданских дел отдельных категории. Отв. ред. П. Я. Трубников. Москва, 2001 г.

## MAZMUNY

**Giriş................................................................ 9**

**Raýat prosesual hukugy ylmynyň predmeti we ulgamy**

**§1.** Raýat prosesual hukugynyň predmetine we usulyna düşünje........................................................11

**§2.** Raýat prosesual hukugynyň beýleki hukuk bölümleri bilen arabaglanyşygy…………………..14

**§3.** Raýat prosesi we onuň döwürleri. Kazyýet önümçiliginiň görnüşleri........................................15

**§4.** Raýat prosesual hukugynyň çeşmeleri.......15

**§5.** Raýat prosesual hukugynyň kadalary we olaryň görnüşleri.................................................. 17

**Raýat prosesual hukugynyň esasy ýörelgeleri**

**§1.** Raýat posesual hukugynyň esasy ýörelgelerine düşünje we olaryň ulgamy.............19

**§2.** Adyl kazyýetligi gurnamaga gönükdirilen ýörelgeler..........................................................20

**Raýat prosesual hukuk gatnaşyklary**

**§1.** Raýat prosesual gatnaşyklaryna düşünje we olaryň aýratynlyklary.........................................30

**§2.** Raýat prosesual gatnaşyklarynyň döreýiş esaslary.........................................................................33

**§3.** Raýat prosesual gatnaşyklarynyň subýektleri we olaryň toparlandyrlyşy....................34

**Taraplaryň raýat prosesine gatnaşmagy**

**§1.** Taraplara düşünje......................................36

**§2.** Degişli däl tarapy çalşyrmak.....................38

**§3.** Prosesual tarapdarlyk...............................40

**§4.** Prosesual hukuk kabul edijilik..................42

**Prosese üçünji taraplaryň gatnaşmagy**
**§1.** Üçünji taraplara düşünje..........................44
**§2.** Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap......45
**§3.** Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap..46
**§4.** Wezipeli adamyň üçünji tarap hökmünde
işe dikeltmek işine gatnaşmagy...............................48
**Prokuroryň raýat prosesine gatnaşmagy**
**§1.** Prokuroryň raýat prosesine gatnaşmagyna
düşünje we onuň ähmiýeti....................... 49
**§2.** Prokuroryň kazyýetiň birinji instansiýasyna
gatnaşmagy.........................................................51

**Kazyýet wekilçiligi**

**§1.** Kazyýet wekilçiligine düşünje.................58
**§2.** Kazyýet wekilçiliginiň görnüşleri............62
**§3.** Kazyýet wekiliniň ygtyýarlary we olary
resmileşdirmek...................................................64

**Raýat kazyýet önümçiliginde talap**
**§1.** Talapa düşünje.........................................67
**§2.** Talapyň alamatlary................................68
**§3.** Talapyň görnüşleri..................................69
**§4.** Talapa hukugyň bolmagy........................71
**§5.** Jogapkäriň talapdan goranyş çäreleri.......72
**§6.** Talaplary birleşdirmek we aýryşdyrmak..74
**§7.** Talapy üpjün etmek.................................77

**Kazyýetde raýat işini gozgamak**
**§1.** Talapy bildirmegiň tertibi. Bu tertip
bozulanda ýüze çykýan ýagdaýlar…………..........79

**§2.** Talap arza we onuň düzümi. Talap arzadaky ýalňyşlyklary düzetmegiň tertibi............................ 81
**§3.** Talap arzany kabul etmek. Talap arzany kabul etmezligiň esaslary.................................83
**§4.** Talap arzany kabul etmek bilen bagly ýüze çykýan hukuk ýagdaýlary…………………………86

**Raýat işini kazyýet seljerşine taýarlamak**
**§1.** Raýat işini kazyýet seljerşine taýarlamaga düşünje we onuň ähmiýeti....................................87
**§2.** Taýarlaýyş tertipde amala aşyrylýan hereketler.........................................................89

**Edebiýat**……………………………………. 95